TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW:
– EDERMEN PILEÇILERIMIZIŇ YHLAS SIŇDIRIP, IRGINSIZ ÇEKEN ZÄHMETINIŇ NETIJESINDE ÖNDÜRILEN PILÄNIŇ BOL HASYLY BAGTYÝAR DURMUŞDA ÝAŞAÝAN AGZYBIR HALKYMYZYŇ HALAL OJAKLARYNYŇ BEREKEDIDIR, ATA-BABALARYMYZYŇ GADYMY SENETÇILIGINIŇ BIRI BOLAN ÝÜPEKÇILIGIŇ MYNASYP DOWAM ETDIRILÝÄNDIGINIŇ AÝDYŇ SUBUTNAMASYDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
11-nji iýun, 2021. Belgisi 24/1434

# ŞANLY BAÝRAMA MYNASYP SOWGAT

**9-njy iýunda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň oba hojalyk toplumyna gözegçilik edýän orunbasarynyň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.**



Gün tertibine ara alyp maslahatlaşmak üçin möwsümleýin oba hojalyk işlerini geçirmek meseleleri girizildi.

Döwlet Baştutanymyz maslahaty açyp, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary E.Orazgeldiýewe söz berdi. Wise-premýer hasabatyny ýurdumyzyň ýüpekçileriniň pile tabşyrmak baradaky şertnamalaýyn borçnamany üstünlikli ýerine ýetirendikleri hakyndaky hoş habar bilen başlady.

Giň gerimli döwlet goldawy netijesinde ýurdumyzyň zähmetsöýer ýüpekçileri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllygynyň baýram edilýän ýylynda Watan harmanyna 2 müň 100 tonnadan gowrak pile tabşyryp, öz üstlerine alan şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirdiler. Munuň özi ýurdumyzyň ýüpekçilik pudagyny ösdürmek üçin döredilen şertleriň netijesidir.

Wise-premýer oba hojalyk pudagynyň işgärleriniň adyndan döwlet Baştutanymyza oba zähmetkeşleriniň netijeli zähmeti üçin döredilýän şertlere çuňňur hoşallygyny beýan etdi.

Milli Liderimiz hoş habary kanagatlanma bilen kabul edip, hemmeleri, şol sanda welaýat häkimlerini hem-de oba hojalyk toplumynyň ähli işgärlerini ýurdumyzda pile taýýarlamak boýunça şertnamalaýyn borçnamanyň ýerine ýetirilip, ýokary hilli piläniň tabşyrylmagy bilen tüýs ýürekden gutlady.

Edermen pileçilerimiziň yhlas siňdirip, irginsiz çeken zähmetiniň netijesinde öndürilen piläniň bol hasyly bagtyýar durmuşda ýaşaýan agzybir halkymyzyň halal ojaklarynyň berekedidir, ata-babalarymyzyň gadymy senetçiliginiň biri bolan ýüpekçiligiň mynasyp dowam etdirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr diýip, milli Liderimiz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz welaýat häkimlerine ýüzlenip, ýurdumyzyň pile öndürijilerinden kabul edilip alnan piläniň talabalaýyk şertlerde saklanylmagyny hem-de ony gaýtadan işleýän degişli kärhanalarda ýokary hilli ýüpek önümleriniň öndürilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Milli Liderimiz tabşyrylan pile üçin pile öndürijiler bilen hasaplaşyklary öz wagtynda geçirmegiň zerurdygyny aýtdy. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda ýüpekçiligi has-da ösdürmek üçin welaýatlarda tut nahallaryny ekmek işleriniň alnyp barlyşyna aýratyn üns bermek barada görkezme berdi.

Döwlet Baştutanymyz Lebap we Mary welaýatlarynyň häkimlerine orak döwründe işiň üstünde bolup, işleriň talabalaýyk we guramaçylykly ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Milli Liderimiz Balkan we Daşoguz welaýatlarynyň häkimlerine bolsa anna güni – 11-nji iýunda hormatly ýaşulularyň gatnaşmagynda galla oragyna başlamak barada görkezme berdi.

Soňra iş maslahaty Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary E.Orazgeldiýewiň, Ahal welaýatynyň hem-de bu sebitiň etraplarynyň häkimleriniň gatnaşmagynda dowam etdi.

Döwlet Baştutanymyz galla oragynyň barşy bilen gyzyklandy. Ahal welaýatynyň häkimi Ý.Gurbanow sebitiň gallaçylarynyň gyzgalaňly möwsüminiň başlanandygyny, oragyň depgininiň günsaýyn ýokarlanýandygyny habar berdi. Welaýatyň ekerançylary bugdaý hasylyny ýygnamak boýunça döwlet tabşyrygyny abraý bilen ýerine ýetirmegi, şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň pugtalandyrylmagyna hem-de halkymyzyň hal-ýagdaýynyň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen durmuş ugurly syýasatynyň amala aşyrylmagyna goşant goşmagy maksat edinýärler.

Ahal welaýaty boýunça şu ýyl 195 müň gektar ýere bugdaý ekildi. Şonça gektardan Watan harmanyna 400 müň tonna guşgursak bugdaý hasylyny tabşyrmak maksat edinilýär. Häzire çenli galla meýdanlaryndan 100 müň tonna çenli hasyl ýygnalyp, bellenilen meýilnama 25 göterime golaý ýerine ýetirildi.

Tabşyrylan hasyl üçin hasaplaşyklar öz wagtynda geçirilýär. Orak möwsüminde hasyly bildirilýän talaplara laýyklykda ýygnap almak we saklamak, şonuň ýaly-da, oraga gatnaşýanlaryň mynasyp zähmet çekmekleri we dynç almaklary üçin hemme zerur şertler döredilýär.

Soňra iş maslahatynda Bäherden etrabynyň häkimi D.Hojaýew hasabat bilen çykyş etdi. Etrap boýunça şu ýyl 21 müň 100 gektar meýdana bugdaý ekildi. Orak möwsüminde galla orujy kombaýnlaryň 63-si, bugdaýy daşaýjy awtoulaglaryň 315-si ulanylýar. Etrapda dänäni kabul ediş bölümleriň 4-si işleýär. Şolarda gallany degişli derejede saklamak üçin zerur işler geçirildi.

Şu ýyl 44 müň tonna möçberde taýýarlanylmaly bugdaýyň häzire çenli 11 müň tonna golaýy ýygnalyp, meýilnama 24,5 göterimden gowrak ýerine ýetirildi. Hormatly Prezidentimiziň galla önümçiligini artdyrmak boýunça öňde goýan wezipelerini ýerine ýetirmek maksady bilen hem-de galla oragyny guramaçylykly geçirmek üçin döreden şertleri netijesinde möwsümiň depginini güýçlendirmek ugrunda ähli çäreler görülýär.

Häkim etrapda önüm öndürijiler bilen öz wagtynda hasaplaşyklaryň geçiriljekdigine, hasylyň iň soňky dänesine çenli doly ýygnalyp alnyp, harmana tabşyryljakdygyna ynandyryp, etrabyň zähmetkeşleriniň adyndan milli Liderimize netijeli zähmet çekmek üçin döredilýän şertler babatynda tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, galla oragynyň depginini gowşatman, bu ugurda işleri güýçlendirmek üçin goşmaça çäreleri görmegi tabşyrdy.

Soňra Gökdepe etrabynyň häkimi Ç.Çarlyýew hasabat bilen çykyş etdi. Häkim Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli Liderimiziň baştutanlygynda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşyny ösdürmek ugrundaky tagallalary netijesinde oba hojalygyny hemmetaraplaýyn kämilleşdirmek boýunça tutumly işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy.

Etrap häkimi milli Liderimize şu ýyl ýetişdirilen bol bugdaý hasylyny guramaçylykly ýygnap almak hem-de ony saklamak üçin ähli zerur şertleriň döredilýändigine hoşallyk bildirdi.

Gökdepe etrabynyň häkimi şu ýyl jemi 21 müň 500 tonna guşgursak ak bugdaýy ýygnamagyň meýilleşdirilýändigi barada hasabat berdi. Möwsümde kombaýnlaryň 35-siniň, ulaglaryň 175-siniň hyzmatyndan peýdalanylýar. Gündelik gazanylýan ösüş 7 göterimden gowrak bolup, häzire çenli önümçilik meýilnamasy 26,6 göterim berjaý edildi. Meýdanlardan ýygnalyp alynýan galla hasylyny etrapda kabul ediş bölümleriniň 2-si bökdençsiz kabul edýär.

Ýetişdirilen hasyly iň soňky dänesine çenli doly ýygnap, harmana tabşyrmak hem-de kada laýyk saklamak, şeýle-de däne öndürijiler bilen hasaplaşyklaryň wagtynda, ýokary derejede guralmagyny üpjün etmek üçin ähli zerur çäreler görülýär.

Häkim Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygynyň giňden we dabaraly bellenilýän ýylynda ýurdumyzyň has-da gülläp ösmegi üçin milli Liderimiziň öňde goýan anyk tabşyryklaryny ýerine ýetirmekde yhlasly zähmet çekjekdiklerine ynandyrdy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýetişdirilen hasyly ýitgisiz ýygnamak üçin ähli zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Öz nobatynda, Ak bugdaý etrabynyň häkimi H.Aşyrmyradow bugdaý ösdürip ýetişdirmek üçin bölünip berlen 28 müň 100 gektar meýdandan şu ýyl 62 müň 550 tonna hasyl almagyň maksat edinilýändigi barada hasabat berdi. Agrotehniki çäreleriň öz wagtynda geçirilmegi hem-de bu ugurda döwlet tarapyndan zerur şertleriň döredilmegi bereketli hasyly ýetişdirmegiň möhüm şertlerini üpjün etdi.

Galla oragynda bugdaý orujy kombaýnlaryň 105-si, däne daşaýjy awtoulaglaryň 525-si ulanylýar. Etrapda galla kabul ediş bölümleriniň 10-sy hereket edýär. Häzire çenli ýygnalyp alnan bugdaý hasylynyň mukdary 16 müň 683 tonna barabar bolup, bellenilen meýilnama 26,67 göterim ýerine ýetirildi. Gündelik gazanylýan ösüş bolsa 7 göterime deňdir.

Häkim ýetişdirilen hasyly iň soňky dänesine çenli doly ýygnap, Watan harmanyna tabşyrmak we ony degişli derejede saklamak ugrunda ähli zerur çäreleriň görüljekdigine ynandyrdy hem-de daýhanlaryň netijeli zähmet çekmegi üçin döredip berýän hemme mümkinçilikleri we yzygiderli hemaýat-goldawlary üçin etrabyň agzybir ýaşaýjylarynyň adyndan döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýtdy. 2

## Hormatly Prezidentimiziň kitaby italýan diline terjime edildi




Milli Liderimiziň giň okyjylar köpçüligine niýetlenilen meşhur edebi-filosofik «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly eseri uly ruhy ähmiýete eýedir, sebäbi onda umumydünýä ösüşine goşant goşan türkmen halkynyň örän baý ruhy-ahlak mirasy wagyz edilýär. Döwlet Baştutanymyzyň bu edebi eseri halk parasatlylygynyň özboluşly jemlenmesi bolmak bilen, häzirki we geljekki nesilleriň däp-dessurlarynyň hem-de ahlak ýörelgeleriniň dowamatlylygynyň subutnamasydyr.

Milli Liderimiz gadymyýetden gözbaş alýan halkymyzyň asylly ruhy çeşmelerine çuňňur sarpa goýmak bilen, biziň günlerimize çenli gelip ýeten edebi we ylmy maglumatlary düýpli öwrenip, olary öz işinde ulgamlaşdyrdy hem-de umumylaşdyrdy, munuň özi dünýä jemgyýetçiliginde ägirt uly gyzyklanma döretdi. Türkmenleriň milli däp-dessurlarynda öz aýdyň beýanyny tapan ýokary ynsanperwer ýörelgeleri beýleki halklarda hem uly seslenme döredýär. 2

## UZAK MÖHLETLEÝIN ÝÖRELGELERE ESASLANÝAN GATNAŞYKLAR

**8-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkeziniň täze bellenilen ýolbaşçysy Jon MakGregory kabul etdi.**

Jenap Jon MakGregor wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, milli Liderimize Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Baş sekretary Helga Şmidiň mähirli salamyny hem-de tutuş türkmen halkyna iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Şunda ÝHHG-niň oňyn bitaraplyk syýasatyny durmuşa geçirýän hem-de sebitde we ählumumy möçberde parahatçylygy, howpsuzlygy, durnuklylygy üpjün etmäge saldamly goşant goşýan Türkmenistan bilen netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmaga uly gyzyklanma bildirýändigi bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz abraýly halkara guramanyň ýolbaşçysyna salam aýdyp, ýurdumyzyň köp ugurlary öz içine alýan däp bolan gatnaşyklara ygrarlydygyny tassyklady.

Döwlet Baştutanymyz jenap Jon MakGregory jogapkärli wezipä bellenilmegi bilen gutlap hem-de oňa işinde üstünlikleri arzuw edip, Türkmenistanyň ÝHHG-niň doly hukukly agzasy bolmak bilen, umumy abadançylygyň maksatlaryna laýyk gelýän köpugurly hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek ugrunda çykyş edýändigini nygtady.

OSCE

Söhbetdeşligiň barşynda hyzmatdaşlygyň geljegi barada pikir alşyldy. Dürli ulgamlarda bilelikdäki taslamalaryň ençemesiniň durmuşa geçirilendigi we geçirilýändigi şol hyzmatdaşlygyň netijesi bolup durýar. Sebit we dünýä ösüşiniň bar bolan kuwwatyndan, ileri tutulýan wezipelerinden ugur almak bilen, sanly ykdysadyýet, durnukly energetika we energiýa howpsuzlygy, ulag hem-de üstaşyr geçelgeleriň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmak, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak we beýleki ugurlar aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Ekologiýa, howanyň üýtgemegi, suw serişdelerini rejeli ulanmak, Aral bilen baglanyşykly meseleler özara gatnaşyklaryň möhüm ugurlary bolup durýar.

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanda amala aşyrylýan toplumlaýyn demokratik özgertmeleri, häzirki ýagdaýlaryň hem-de halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryny ornaşdyrmagyň esasynda milli kanunçylygyň kämilleşdirilmegini nazara almak bilen, ynsanperwer ulgamda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyga ýokary baha berildi. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyz bilen ÝHHG-niň ugurdaş düzümleriniň arasynda ýola goýlan hyzmatdaşlygyň, parlamentara gatnaşyklaryň netijeli häsiýete eýedigi bellenildi.

Şeýle hem sebitleýin we halkara derejede häzirki döwrüň wehimlerine hem-de howplaryna garşy göreşmekde, şol sanda serhetýaka jenaýatçylyga, terrorçylyga, ekstremizme, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy durmakda we kiberhowpsuzlygy üpjün etmekde tagallalary mundan beýläk-de birleşdirmegiň wajypdygy tassyklanyldy. 2

## Dokma toplumynyň gymmatly çig maly

Hormatly Prezidentimiziň bimöçber aladasy bilen oba hojalyk pudagyny ösdürmek, kämilleşdirmek barada durmuşa geçirýän özgertmeler maksatnamalary netijesinde ýurdumyzyň oba hojalyk pudagy täzeçe ösüşleriň belent sepgitlerine barýar. Milli ykdysadyýetimizde uly orny eýeleýän bu pudagyň ösdürilmegi ýurdumyzda azyk bolçulygynyň döredilmegine, ykdysady kuwwatymyzyň barha ýokarlanmagyna uly mümkinçilik berýär.

Ata-babalarymyz asyrlaryň dowamynda ýüpek süýümlerinden matalary dokamak üçin pile önümçiligine aýratyn üns beripdirler. Bagtyýarlyk döwrümizde piläniň bol hasylyny almak üçin ähli şertler döredilýär. Dokma senagatynyň gymmatly çig maly bolan pile öndürmek işi döwrebap derejede ösdürilýär. Ýüpek gurçugynyň esasy iýmiti bolan tut nahallarynyň her ýyl müňlerçe düýbi oturdylýar, öňki bar bolanlarynyň idegi ýetirilip durulýar. 2



### UMMANLARYŇ EKOULGAMY AÝAWLY SAKLANAR

Her ýylyň 8-nji iýuny Bütindünýä ummanlar güni hökmünde bellenilip geçilýär. Hünärmenler Ýeriň atmosferasyndaky kislorodyň 80 göterimini deňizdir ummanlaryň bölüp çykarýandygyny, azyk önümleriniň agramly böleginiň deňizlerden alynýandygyny belleýärler. 4



### DÜNÝÄNIŇ IŇ OWADAN ADALARY

Daş-töweregi suw bilen gurşalan gury ýer bölegine ada diýilýär. Deňiz kenarlarynyň we adalaryň köpüsi syýahatçylaryň dynç almak üçin barýan ýerleri hasaplanýar. 4

### ÝEWROPA ÇEMPIONATYNA BADALGA BERILÝÄR

Futbol boýunça 16-njy Ýewropa çempionatyna şu gije badalga berler. Bir aýlap dowam etjek futbol baýramçylygynyň açylyş duşuşygy Türkiýe bilen Italiýanyň arasynda oýnalar. Aşgabat wagty bilen 00:00-da başlanjak oýna Danni Makkelie (Niderlandlar) eminlik eder. 6




### ÇEMPIONATDA ÇYKYŞ ETJEK 24 ÝYGYNDYNYŇ DÜZÜMI

7

**HABARLAR**

**Ýurdumyzyň zähmetsöýer ýüpekçileri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllygynyň baýram edilýän ýylynda Watan harmanyna 2 müň 100 tonnadan gowrak pile tabşyryp, öz üstlerine alan şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirdiler.**

## Ýaşamak üçin amatly şäherler

«The Economist Intelligence Unit» atly maslahat beriş kompaniýasy ýaşamak üçin iň amatly şäherleriň sanawyny taýýarlady. Sanawda Aziýa-Ýuwaş umman sebitindäki şäherler agdyklyk edýär. Bilermenler sanawy taýýarlanynda 30-dan gowrak ölçegden peýdalanypdyrlar.



Olaryň arasynda durnuklylyk, saglygy goraýyş hyzmatlaryna elýeterlilik, medeniýet we daşky gurşaw, bilim we infrastruktura öňe saýlanýar. Sanawyň başyny Täze Zelandiýanyň 1,3 million ilatly Oklend şäheri çekýär. Ilkinji onlukda Awstraliýadan 4 şäher bar. Ikinji ýeri Ýaponiýanyň Osaka, üçünji orny Awstraliýanyň Adelaýda şäheri eýeleýär. Wellington (Täze Zelandiýa) we Tokio (Ýaponiýa) sanawda ilkinji bäşligi jemleýär. Ikinji onluga Pert (Awstraliýa), Sýurih (Şweýsariýa), Ženewa (Şweýsariýa), Melburn (Awstraliýa) we Brisben (Awstraliýa) şäherleri hem degişlidir.

**Selbi GURBANOWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

## Göze peýdaly iýmitler

Sagdyn we deňagramly iýmitlenmek bedeniň, şol sanda gözüň kadaly işlemegine kömek edýär. Gözüň görejini goramak üçin peýdaly witaminler bar. A witamini gözüň daşky gatlagynyň saglygy we görüş üçin peýdalydyr.



Bu witamin ýumurtgada, süýt önümlerinde, käşir, ysmanak ýaly gök önümleriň düzüminde bolýar. Hozuň düzüminde has köp mukdarda saklanýan E witamini hem göz üçin peýdalydyr. Bulardan başga-da, C hem-de B witaminli önümler gözüň kadaly saklanmagyna ýardam edýär. Öňden hem mälim bolşy ýaly, göz üçin peýdaly madda «Omega 3» ýagydyr. Ol köp möçberde gözýaşyň bölünip çykmagyna oňyn täsir edip, gözüň guramagynyň öňüni alýar. Bu ýag balyk önümleriniň düzüminde hem bar.

**Eziz RAHMANKULOW,**
*S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Ene dilinde bilim berler

Estoniýanyň hökümeti orta bilimi 2035-nji ýyldan gijä galman Estoniýanyň döwlet diline geçirmegi meýilleşdirýär. Mekdep biliminiň eston dilinde berilmegi çagalaryň we



ýaşlaryň Estoniýanyň medeni giňişligine aralaşmagyna mümkinçilik berer.

Munuň üçin ýurduň Bilim we ylym ministrligi degişli meýilnamany taýýarlaýar. Şonuň netijesinde geljekki 15 ýylyň dowamynda orta mekdeplere eston dili doly ornaşdyrylar. Esasy mekdep we gimnaziýa baradaky kanun üçin özgertmeler göz öňünde tutulmaýar.

**Döwletýar ORAZMUHAMMEDOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## Iň gymmat poçta markasyny satyn aldy

Dünýädäki iň köne poçta markalarynyň dileri bolan «Stanley Gibbons» kompaniýasy Beýik Britaniýanyň Gwianasynyň 1856-



njy ýylda çykarylan markasyny 8,3 million dollara satyn aldy. Bu ýerde dünýäniň iň köne we iň gymmat markasy barada gürrüň gidýär. Satyn alnan marka kompaniýanyň Londondaky dükanynda hödürlener. Şeýle hem kompaniýa bu markany köpçülige elýeterli etmek üçin sanly kolleksiýasyny döretmegi meýilleşdirýär. «Stanley Gibbons» kompaniýasy bu markany satyn almak üçin «Phoenix S.G» paýdarlar jemgyýetinden göterimsiz pul karz aldy.

**Begli AMANDURDYÝEW,**
*S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# ŞANLY BAÝRAMA MYNASYP SOWGAT

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, azyklyk bugdaýyň şu ýyl üçin taýýarlanylýan mukdaryny üpjün etmek ugrunda zerur tagallalaryň edilmelidigini bellemek bilen, bu ugurda möwsüme gatnaşýan ähli düzümleriň sazlaşykly işini hemmetaraplaýyn ýola goýmagy tabşyrdy.

Soňra Kaka etrabynyň häkimi P.Orazow bugdaý oragynyň barşy barada hasabat berdi. Etrap boýunça 41 müň gektara bugdaý tohumy sepilip, öz wagtynda geçirilen agrotehniki we beýleki zerur işleriň netijesinde bereketli hasyl ösdürilip ýetişdirildi. Döwlete tabşyrmak boýunça şertnamalaýyn borçnamada bellenen wezipe 80 müň 500 tonna guşgursak dänäni taýýarlamakdan ybaratdyr.

Hormatly Prezidentimiziň döredip beren ähli şertlerinden we mümkinçiliklerinden peýdalanyp, etrabyň daýhanlary häzire çenli 20 müň 251 tonna hasyl ýygnamagyň hötdesinden gelip, meýilnamany 25,16 göterim berjaý etdiler. Etrapda gazanylýan gündelik ösüş 6 göterime deňdir. Möwsümde kombaýnlaryň 104-siniň we däne daşaýjy ulaglaryň 520-siniň hyzmatyndan netijeli peýdalanylýar. Bereketli hasyl galla kabul ediş bölümleriniň 8-sine daşalýar.

Häkim ýetişdirilen hasyly ýitgisiz ýygnap alyp, Watan harmanyna tabşyrmak hem-de ony bildirilýän talaplara laýyklykda saklamak ugrunda ähli çäreleriň görüljekdigine ynandyrdy hem-de netijeli zähmet çekmek üçin döredip berýän giň mümkinçilikleri we yzygiderli hemaýat-goldawlary üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýtdy.

Milli Liderimiz hasabaty diňläp, zerur işleri geçirmek üçin hem, oba zähmetkeşleriniň medeniýetli dynç almagy üçin hem ähli şertleri üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra Tejen etrabynyň häkimi G.Baýgeldiýew gyzgalaňly dowam edýän galla oragy möwsüminde oňa gatnaşyjylaryň yhlasly zähmet çekýändigini bellemek bilen, şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirmek ugrunda görülýän tagallalar barada hasabat berdi.

Şu ýyl etrap boýunça 42 müň 900 gektar meýdanda bugdaý ösdürilip ýetişdirildi. Taýýarlanylmaly bugdaýyň mukdary bolsa 86 müň tonna barabardyr. Häzire çenli 18 müň 658 tonna däne taýýarlanyp, meýilnama 21,7 göterim ýerine ýetirildi, gündelik gazanylýan ösüş bolsa 4,47 göterime barabardyr. Etrapda däne orujy kombaýnlaryň 119-sy, galla daşaýjy ulaglaryň 595-si netijeli işledilýär, ýygnalyp alnan hasyl galla kabul ediş bölümleriniň 9-syna daşalýar hem-de olaryň talabalaýyk derejede saklanylmagy üpjün edilýär, daýhanlaryň tabşyran hasyly üçin hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilmegi ýola goýuldy.

Häkim ýetişdirilen hasyly iň soňky dänesine çenli doly ýygnap, döwlet harmanyna tabşyrmak hem-de saklamak barada ähli çäreleriň görüljekdigine ynandyrdy we hormatly Prezidentimiziň daýhanlaryň öndürijilikli zähmet çekmekleri üçin döredip berýän giň mümkinçilikleri we yzygiderli goldawlary üçin tejenli ekerançylaryň adyndan milli Liderimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häkime gallaçy daýhanlaryň arasynda ýygy-ýygydan bolmak bilen, galla oragy möwsüminiň depginini has-da güýçlendirmek üçin zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Babadaýhan etrabynyň häkimi P.Işangulyýew hasabat bilen çykyş edip, jogapkärli möwsümiň depgini barada maglumat bermek bilen, işleriň ýokary guramaçylyk derejesinde alnyp barylýandygyny aýtdy.

Geçen güýzde etrap boýunça bugdaý ösdürip ýetişdirmek üçin 28 müň 700 gektar meýdana bugdaý ekildi. Şonça meýdandan 58 müň tonna ak bugdaý taýýarlamak maksat edinilýär. Daýhanlaryň guramaçylykly zähmeti galla oragynyň ýokary depginlerini üpjün edýär, oba hojalyk tehnikasynyň netijeli peýdalanylmagy bolsa orak möwsüminiň üstünlikli geçirilmegine ýardam berýär. Galla oragynda bugdaý orujy kombaýnlaryň 82-si, däne daşaýjy ulaglaryň 416-sy hem-de kabul ediş bölümleriniň 6-sy hereket edýär. Şu güne çenli 13 müň 529 tonna bugdaý taýýarlanyp, şertnamalaýyn borçnama 23,33 göterim ýerine ýetirildi. Gündelik ösüş bolsa 4,77 göterime barabardyr.

Häkim alnyp barylýan işleriň çäklerinde ýetişdirilen hasyly iň soňky dänesine çenli doly ýygnap alyp, Watan harmanyna tabşyrmak we ony talabalaýyk derejede saklamak barada ähli çäreleriň görüljekdigine ynandyrdy hem-de etrabyň daýhanlary üçin döredip berýän oňaýly mümkinçilikleri we yzygiderli hemaýat-goldawlary üçin hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowa tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Milli Liderimiz hasabaty diňläp, ekin meýdanlarynda ýetişdirilen hasyly ýitgisiz ýygnamak üçin ähli zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Sarahs etrabynyň häkimi G.Ýazgulyýew şu ýyl bereketli bugdaý hasylynyň ýetişdirilendigini, hormatly Prezidentimiziň berýän yzygiderli goldawlary esasynda, hasyly ýygnap almak, daşamak we saklamak üçin hemme zerur şertleriň döredilendigi barada hasabat berip, hormatly Prezidentimize etrabyň ekerançylarynyň adyndan tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Bellenilişi ýaly, şu ýyl bu etrapda 22 müň 400 gektardan jemi 47 müň 450 tonna ak bugdaý ýygnamak meýilleşdirilýär. Möwsümde kombaýnlaryň 65-siniň, awtoulaglaryň 325-siniň hyzmatyndan peýdalanylýar. Işleriň guramaçylykly we sazlaşykly guralmagy netijesinde gündelik gazanylýan ösüş 8 göterimden gowrak bolup, häzire çenli 13 müň 715 tonna bugdaý taýýarlanyldy. Munuň özi meýilnamanyň 28,9 göterim berjaý edilendigini habar berýär. Meýdanlardan ýygnalyp alynýan galla hasylyny etrapda kabul ediş bölümleriniň 5-si bökdençsiz kabul edýär.

Häkim ýetişdirilen bugdaý hasylynyň ýitgisiz ýygnaljakdygyna hem-de Watan harmanyna tabşyryljakdygyna ynandyryp, etrabyň agzybir zähmetkeşleriniň adyndan olaryň netijeli zähmeti üçin döredilýän şertler babatynda hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, galla oragynyň depginlerini güýçlendirmek üçin ähli zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz maslahata gatnaşyjylara ýüzlenip, bugdaýy gysga möhletlerde we ýitgisiz ýygnap almagy dowam etdirmegi, galla oragynda däne ýygýan kombaýnlaryň we awtoulaglaryň doly güýjünde işledilmegini gazanmagy, galla kabul ediş nokatlarynda bugdaý hasylynyň önüm öndürijilerden bökdençsiz kabul edilmegini guramagy tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz bugdaý öndürijiler bilen döwlete tabşyrylan hasyl üçin hasaplaşyklary öz wagtynda geçirmegi tabşyrdy hem-de bugdaý oragyndan boşan meýdanlarda sürüm işlerini öz wagtynda geçirmek we aralyk oba hojalyk ekinlerini ekmek boýunça degişli işleriň alnyp barylmalydygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşyjylara galla oragyny geçirmekde hem-de ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny pugtalandyrmakda uly üstünlikleri arzuw etdi we edermen ekerançylarymyzyň öz şertnamalaýyn borçnamalaryny ýerine ýetirjekdiklerine hem-de döwlet harmanyna bereketli bugdaý hasylyny tabşyrjakdyklaryna ynam bildirdi.

## Uzak möhletleýin ýörelgelere esaslanýan gatnaşyklar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şunuň bilen baglylykda, türkmen Lideriniň başlangyjy bilen şu ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek, Öňüni alyş diplomatiýasynyň gurallaryndan netijeli peýdalanmak, energetika, ulag diplomatiýasy, Owganystandaky ýagdaýy parahatçylykly ýol arkaly kadalaşdyrmak hem-de onuň durmuş-ykdysady taýdan ösmegini üpjün etmek boýunça başlangyçlarynyň wajypdygy bellenildi. Şu babatda owgan tarapyny çekmek arkaly energetika, ulag-kommunikasiýa ulgamlarynda iri düzümleýin taslamalary durmuşa geçirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Şol taslamalaryň hatarynda TOPH gaz geçirijisiniň, demir ýoluň, elektrik geçiriji we optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň gurluşygy bar. Şolar tutuş adamzadyň bähbidine hyzmat etmelidir.

Jenap Jon MakGregor hormatly Prezidentimize Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen hyzmatdaşlyk meselelerine berýän ünsi üçin hoşallyk bildirip hem-de ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkeziniň ýolbaşçysy hökmünde ýurdumyzda bolmagyň özi üçin uly hormatdygyny nygtap, öz tarapyndan birekbirege hormat goýmak we uzak möhletleýin ýörelgeler esasynda guralýan köpýyllyk gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge ýardam etjekdigine ynandyrdy.

## DOKMA TOPLUMYNYŇ GYMMATLY ÇIG MALY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzyň ýüpekçileri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk baýramynyň bellenjek ýylynda hem pile tabşyrmak baradaky şertnamalaýyn borçnamany üstünlikli ýerine ýetirdiler.

Şu ýyl Mary we Lebap welaýatlarynda ýüpek gurçugynyň tohumyny öndürýän zawodlarda öndürilen ýüpek gurçugynyň tohumy idedildi. Soňky ýyllarda bu zawodlarda ýerli hünärmenleriň tagallasy bilen, ýurdumyzyň howa şertlerine çalt uýgunlaşyp bilýän «Türkmen-13», «Türkmen-16», «Dostluk-1», «Lebap-2», «Ak pile-1,2» ýaly ýüpek gurçuklarynyň tohumlary döredildi. Olar talaba görä janlandyrylyp, gowy şertlerde idedilende, ýokary hilli pile berip, olar dürli kesellere-de çydamlydyr.

Häzirki döwürde Aşgabadyň ýüpek fabrigi, Türkmenabadyň ýüpek önümçilik birleşigi, Ruhabadyň panbarhat öndürýän fabrigi türkmen pilesiniň iň esasy alyjylarydyr.

Adamlar gadymy döwürlerden bäri ýüpekçilik bilen meşgullanyp gelýärler. 4 müň 600 ýyl mundan ozal Hytaýda ýüplük almak üçin gurçuk ýetişdirilip başlanandygy aýdylýar. Soňra bolsa, hindiler ýüpekçilik bilen meşgullanypdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen bu haryt Ýewropa ýurtlaryna ýaýrapdyr we iň geçginli haryda öwrülipdir. Gündogardan günbatara daşalan bu önüm «Ýüpek ýoly» ady bilen belli bolan şol döwürleriň iň uzyn halkara gatnaw ýoluny emele getiripdir. Oňa şeýle adyň berilmegi hem näderejede ähmiýetlidigini görkezýär. VI asyrda Wizantiýada we Rim Imperiýasynyň dürli ýerlerinde ýüpekçilik ýaýrapdyr. Soňky ýyllarda Italiýada hem-de



Günbatar Ýewropa ýurtlarynda ýüpek gurçugy tutulyp başlanypdyr. Ýüpekden tikilen egin-eşikler ýörite baýramçylyklarda we dabaralarda geýlipdir. Häzirki wagtda dünýäde iň köp pile taýýarlanýan ýurtlar Ýaponiýa, Hytaý we Italiýadyr. Hindileriň milli medeniýetinde uly orun tutan sari lybasynyň hem ýüpekden edilen görnüşleri has meşhurlygy bilen tapawutlanýar.

**Aýsoltan AŞYROWA,**
*S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Hormatly Prezidentimiziň kitaby italýan diline terjime edildi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Muňa, ilkinji nobatda, 2020-nji ýylyň sentýabr aýynda neşir edilen «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» kitabynyň eýýäm dünýäniň köp dillerine, şol sanda hytaý, ýapon, rus, gruzin, ukrain we azerbaýjan dillerine terjime edilendigi hem şaýatlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiziň many-mazmuny hem-de beýan ediliş usuly boýunça örän gymmatly eseri täsin halk döredijiligini toplamak, içgin öwrenmek hem-de wagyz etmek boýunça milli Liderimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan giň gerimli, tutanýerli ylmy-edebi işleriň aýdyň subutnamasyna öwrüldi.

Döwlet Baştutanymyzyň folkloryň, şol sanda nakyllaryň, atalar sözleriniň parasatly pähimlerini döredijilikli, ussatlarça peýdalanmagy bu edebi eseriň ähmiýetini has-da artdyrýar, ol häzirki wagtda ýüzýyllyklar mundan ozal hem dünýäniň beýleki halklary bilen dostluk we özara düşünişmek gatnaşyklaryny ýola goýan türkmen halkynyň ruhy dünýäsine göz ýetirmegiň ygtybarly çeşmesi bolup hyzmat edýär.

## Dünýäniň bäşinji ummany

Entek birnäçe çeşmede görkezilmeýän hem bolsa, alymlar bäşinji ummanyň bardygyny belleýärler. Günorta ummany Antarktikanyň daş-töweregini öz içine alýar. Alymlar bu ýeriň hem aýratyn ummandygyny belleýärler.



Dünýäniň ygtybarly ylmy neşirleriniň biri bolan «National Geographic» hem bu ýeri bäşinji umman hökmünde kabul etdi. Köp ýyllaryň dowamynda Ýer ýüzünde dört ummanyň (Hindi ummany, Ýuwaş ummany, Atlantik ummany we Demirgazyk buzly ummany) bardygy hasap edildi. Ylmyň ösmegi, tebigatyň has içgin öwrenilmegi netijesinde alymlar Ýeriň günorta polýusynyň daş-töweregini hem aýratyn umman hökmünde kabul edip başladylar. Ylmy neşirde bäşinji ummanyň ekologiýa taýdan görnetin tapawutlanýandygy bellenilýär. Bu ummanyň esasy tapawudy bolsa demirgazygyndaky ummanlardan has güýçli akymynyň bolmagydyr. Günbatardan gündogara tarap akýan bu akym Antarktikanyň daşyndan aýlanýar. Bu ýeriň suwunyň düzüminde duzuň mukdary az we sowuk. Bilermenler bu ýeriň aýratyn umman hasap edilmeginiň dünýäde howanyň özgermegine garşy göreşde peýdaly boljakdygyny belleýärler.

**Tawus MAMEDOWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň uly mugallymy.*

## 10 çagany dünýä inderdi

Günorta Afrikanyň Gauteng sebitiniň ýaşaýjysy Gosiama Tamara Sotile 10 bäbegi dünýä inderdi. Şeýlelikde ol geçen aý Marokkoda 9 çagany dünýä inderen Halime Sisseniň rekordyny täzeledi. Ýerli metbugatyň habar bermegine görä, 37 ýaşly zenan bäbeklerini göwreliliginiň 29-njy hepdesinde dünýä inderdi. Lukmanlar enäniň we bäbekleriň saglygynyň kadalydygyny mälim etdiler. Göwreli zenana lukman gözegçiliginden geçeninde, 8 çagasynyň boljakdygy aýdylypdyr.

Çagalaryň atasy Tobogo Sotesi bu habara ynanyp bilmändir.

– Men özümi Hudaýyň saýlan adamy hökmünde duýdum. Köp maşgala çagasy bolmandygy üçin kösenýär. Bu hakyky gudrat, men oňa ýokary baha berýärin – diýip, bäbekleriň atasy gürrüň berdi.

Täze dünýä inen bäbekler birnäçe gün lukmanlaryň gözegçiliginde bolarlar.

Afrikaly zenanyň ozal hem 6 ýaşynda ekiz çagasy bar.

**Ogulgerek GURBANOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## Sungat eserine meňzeş telewizor

«Samsung» kompaniýasy çarçuwasynyň we ýüzüniň reňkini üýtgedip bolýan «akylly» telewizoryny köpçülige tanyşdyrdy. «Frame TV 2021» atly telewizoryň ölçeginiň bäş görnüşlisi bar. Ozalkylardan has ýuka bolan bu telewizor öçük wagty ýüzünde dürli owadan suratlar peýda bolýar. Onuň çarçuwasynyň reňki we şekili kartina meňzeýär.



Bu telewizoryň 43 dýuýmdan 75 dýuýma çenli aralykda bolan dürli ölçegdäki görnüşleri bar. 4K QLED ekranly telewizor ýokary durulykda şekil hödürleýär. Telewizoryň 1 müň 400 sany sungat eserinden, ýagny diwardan asylýan owadan suratlaryndan birini saýlap bolýar. «Wi-Fi», «Bluetooth» ýaly baglanyşyk aýratynlyklary bolan telewizoryň bahasy 849 dollardan başlaýar. Aýratynlykda satylýan çarçuwasy üçin 135 dollar baha kesgitlenipdir.

**Meýlis GARLYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## «Uçurýan» tehnologiýa

Soňky ýyllarda dürli maksatlar bilen peýdalanylýan dronlaryň birnäçe görnüşi peýda boldy. Dronlaryň ýolagçy gatnatmaga niýetlenen görnüşleri hem azda-kände gabat gelýär.



Mundan soňra adamyň «uçmagyna» mümkinçilik berýän enjamlar hem ýüze çykar. Awstraliýanyň «CopterPack» kompaniýasy şeýle tehnologiýany oýlap tapdy. Iki sany aýlanýan perli enjam adamyň arkasyna dakylýar. Bu ugurda ilkinji synagyň üstünlikli tamamlanandygy mälim edildi. Ýakyn wagtda peýda boljak bu enjamlar adamyň bir ýerden başga ýere «uçup» gitmegine şert döreder.

**Reşit SAPAROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## 24 müňýyllyk ösümlik

Rus alymlary Sibirde doňan topragyň astynda 24 müň ýyllyk köp öýjükli organizm tapdylar. Mikroskobik jandar müňlerçe ýyllap ýaşaýşyny dowam etdiripdir.



Puşinskiý tebigy-ylmy döwlet institutynyň hünärmenleriniň alan nusgalygyndan çykan organizmiň «Bdelloid rotifer» atly mikroskobik jandardygy mälim edildi. Geçirilen barlaglarda onuň ýaşynyň 24 müň ýyldygy anyklandy. Ylmy toparyň agzasy Stas Malawin bu işiň köp öýjükli jandarlaryň müňlerçe ýyl ýaşap biljekdigini subut edýän delildigini belledi. Alymlar käbir ýönekeý gurçuk we ösümlik görnüşleriniň buz gatlaklarynyň arasynda ýüzlerçe ýyl ýaşaýşyny dowam etdirendigini ýüze çykarypdylar. Käbir ýönekeý organizmler aşa yssy ýa-da aşa sowuk möwsümde metabolizmlerini peseldip, uzak wagt ýaşap bilýärler.

**Altynaý GURBANOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Öňdebaryjy ýokary okuw mekdepleri

«QS Quacquarelli Symonds» ylmy-barlag maslahat beriş merkezi tarapyndan dünýäniň öňdebaryjy ýokary okuw mekdepleriniň sanawy düzüldi. «QS World University Rankings 2022» atly sanaw köp ýyldan bäri taýýarlanýar. Sanawa müňden gowrak uniwersitetler, institutlar we beýleki ylmy-barlag merkezleri girizilipdir.

Sanaw düzülende halkara ylmy edebiýata goşandy, iş berijiniň meşhurlygy, talyplaryň we diňleýjileriň mugallymlar bilen gatnaşygy, halkara ylmy işgärleriň paýy we daşary ýurtly talyplaryň paýy ýaly ölçegler nazarda tutulýar.

Şoňa görä-de, 10 ýyldan bäri öňdeligi ABŞ-nyň Massaçusets tehnologiýa uniwersiteti eýeläp gelýär. Şeýle hem öňdäki 3 orunda ABŞ-nyň hem-de Beýik Britaniýanyň uniwersiteleri bar. Ikinji orunda Oksford, üçünji orunda bolsa Stenford we Kembrij uniwersitetleri durýar. Garward uniwersiteti 5-nji, Kaliforniýa tehnologiýa instituty 6-njy orny eýeledi. 7-nji orny Londonyň Imper kolleži eýelän bolsa, 8-nji orny Sýurihiň ýokary tehniki mekdebi bilen Londonyň uniwersitet kolleji paýlaşdy. Ilkinji onlukda Çikago uniwersiteti hem öz ornuny aldy.

**Nedir ATAÝEW,**
*S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 11-i, 2021
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-106849
Belgisi: 24/1434
Tiražy: 12780
Bahasy: 2,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Şu ýyl ýurdumyzyň gallaçylary 690 müň gektar meýdandan 1 million 400 müň tonna däne ýygnamagy meýilleşdirýärler.



# YLYM – ÜSTÜNLIKLERIŇ AÇARY

***Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli ylym-bilim ulgamyny döwrebap derejede ösdürmek babatda giň gerimli işler alnyp barylýar. Häzirki döwürde ýurdumyzda ylmyň has-da kämilleşdirilmegi, ylym ulgamyna sanly serişdeleriň işjeň ornaşdyrylmagy, ylmy-barlaglaryň, gözlegleriň, taslamalaryň netijeli amala aşyrylmagy, türkmen alymlarynyň halkara giňişliginde uly gyzyklanma eýe bolýan ylmy işleriniň sanynyň artmagy, hususan-da, ýaş alymlaryň täze nesliniň kemala gelmegi ugrunda netijeli işler ýola goýuldy.***



Her ýylyň 12-nji iýunynda ýurdumyzda Ylymlar güni giňden bellenilip geçilýär. Bu baýramçylyk ylmyň has ýokary derejelere ýetýändigini alamatlandyrýar. Türkmen ýaşlarynyň netijeli ylmy işleri alyp barmaklary üçin döwlet tarapyndan uly mümkinçilikler we şertler döredilýär. Bu barada Gahryman Arkadagymyz: «Döredijilik hyjuwyndan doly zehinli ýaşlaryň ylma gelmegini üpjün etmek, Watanyny jany-teni bilen söýýän, başarnykly, giň gözýetimli ylmy işgärleriň we hünärmenleriň sanyny düýpli artdyrmak döwrümiziň öňe sürýän iň derwaýys wezipeleriniň biridir» diýip belleýär. Milli Liderimiziň ýaş alymlary goldamak, olary ylmy açyşlara höweslendirmek bilen bagly döredýän mümkinçilikleri ýurdumyzyň ylmy-tehniki we ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmakda hem möhüm ähmiýete eýedir.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň ylym-bilim edaralarynda, ylmy-önümçilik merkezlerinde ýaş alymlar wajyp ugurlar boýunça ylmy-barlag, gözleg-taslama işlerini üstünlikli alyp barýarlar. Bu işde sanlylaşdyrylan serişdelerden giňden peýdalanylýar. Olar arkaly ýaşlar alan bilimlerini we ylmy başlangyçlaryny düýpli özleşdirip, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşine gönükdirilen taslamalary işläp düzýärler we önümçilige ornaşdyrýarlar.

Türkmen topragy ylym-biliminiň ojagydyr. Taryhy maglumatlara ser salanymyzda, gadymy türkmen topragynda Orta asyrlarda hem Gündogaryň görnükli alymlary – Muhammet al Horezmi, Abu Aly ibn Sina, Nyzamyl Mülk, Abu Reýhan Biruny, Al Jürjany, As Samany, Mahmyt Kaşgarly, Muhammet Gazaly ýaly dünýä ylmynda şöhratly yz galdyran akyldarlar Nusaýda, Ürgençde, Merwde ýaşap, gyzyldan gymmatly eserleri ýazyp, ylmy açyşlary edipdirler. Häzirki wagtda olaryň döredip giden eserleri hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen döwletimiz tarapyndan uly serişdeler goýberilip täzeden neşir edilýär, öwrenilýär.

Aşgabat – Aziýanyň merjen şäheri, ýurdumyzyň ylym-bilim merkezi. Ylmy-innowasion tehnologiýalar babatda halkara derejesinde maslahatlaryň geçirilýän merkezine öwrülen Aşgabatda soňky ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň, Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň, Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň, Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň, Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň hem-de beýleki ýokary okuw mekdepleriniň täze binalarynyň ulanmaga berilmegi bilim ulgamynyň döwrebap derejede ösdürilmegine uly ähmiýet berilýändiginiň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan Türkmenistanda ylym ulgamyny 2020-2025-nji ýyllarda sanly ulgama geçirmegiň Maksatnamasy hem-de Türkmenistanda himiýa ylmyny we tehnologiýalary toplumlaýyn ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy ýaly möhüm resminamalaryň kabul edilmegi ylym-bilim ulgamyny täze ösüşlere itergi berýär.

**Hojanepes KOŞJANOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# Ykdysady ösüş we telekeçilik

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli ykdysady strategiýasynyň netijesinde, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny has-da artdyrmak, täze eksport ugurly pudaklaryň döredilmegi, hususy pudagyň döwrebap derejede ösdürilmegi babatda giň gerimli işler alnyp barylýar. Şonuň netijesinde hem ýurdumyzyň ykdysadyýeti özüniň durnukly ösüş depginini saklap galýar.

Dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlara garamazdan, halk hojalygynyň ähli ulgamlarynda durnukly makroykdysady görkezijileri üpjün etmek ugrunda giňden tagalla edilýär. Bu hem ýurdumyzyň makroykdysady görkezijileriniň oňyn ösmegine goşant goşýar. Muňa şu ýylyň 5 aýyndaky ykdysady netijeler hem aýdyň subutnama bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ýurdumyzyň ykdysadyýetinde şu ýylyň bäş aýynda gazanylan netijeler barada berlen hasabatlar hem ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşe eýedigini görkezýär. Bäş aýyň netijeleri boýunça jemi içerki önümiň 6,1 göterim artmagy, 2020-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önümiň 5,3 göterim ýokarlanmagy milli Liderimiz tarapyndan durmuşa geçirilýän oňyn özgertmeler maksatnamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň nobatdaky subutnamasydyr.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşine hususy pudagyň wekilleri hem uly goşant goşýarlar. Olar ýurdumyzda öndürilýän oba hojalyk we



azyk önümleriniň möçberlerini artdyrmaga işjeň gatnaşýarlar. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň kärhana-agzalarynyň şu ýylyň bäş aýyndaky dolanyşygy geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 5,4 göterim ýokarlandy. 2021-nji ýylyň ýanwar-maý aýlarynda hususy pudakda senagat önümçiligi 6,6 göterim, oba hojalyk önümçiligi bolsa 26 göterim ýokarlandy. Ýanwar-maý aýlarynda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet maksatnamalarynda göz öňünde tutulan 24 sany iri desgany işe girizdi. Bu taslamalaryň halk hojalygynyň hususy pudagynda durmuşa geçirilmeginiň netijesinde şäherleriň we obalaryň ýaşaýjylary üçin 600-e golaý täze iş orny döredildi.

Umuman, TSTB-niň agzalary tarapyndan dürli döwlet maksatnamalarynda göz öňünde tutulan 362 taslama durmuşa geçirildi. Importy azaltmaga ýardam edýän we ýokary goşmaça bahasy bolan içerki önümleriň önümçiligini artdyrmagy meýilleşdirýän ýüzlerçe döwrebap kärhanalar esaslandyrylýar.

Ýurdumyzda milli ykdysadyýetimizi senagatlaşdyrmakda hem-de dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmekde hususy ulgama aýratyn orun berilýär. Olaryň döwlet tarapyndan goldanylmagy babatda hem hemişe tagalla edilýär. Milli Liderimiz Ministrler Kabinetiniň mejlisinde kiçi we orta telekeçilige, aýratyn-da, syýahatçylyk işi bilen meşgullanýan kärhanalara maliýe we maddy-enjamlaýyn taýdan ýardam bermegi göz öňünde tutmagyň wajypdygyny belläp geçdi.

Mahlasy, hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli döwlet syýasatynyň binýadynda, ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini has-da döwrebaplaşdyryp, diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, ýurdumyzyň ähli pudaklarynda ylmyň soňky gazananlaryny, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça uly işler amala aşyrylýar.

**Begenç ATAÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# MEDENIÝET – ruhy ösüşleriň binýady

Milli Liderimiziň parasatly baştutanlygynda döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolan medeniýet ulgamy has-da kämilleşdirilýär, ony mundan beýläk hem ösdürmek üçin aladalar edilýär. Ýurdumyzyň dürli künjeginde bina edilýän, ähli amatlyklary bolan medeni ojaklarda dürli çäreler geçirilýär. Diýarymyzyň bagtyýar raýatlary şol ýerlere baryp, medeniýetli dynç alýarlar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe halkymyzyň durmuşyna mäkäm ornaşran täzeçillikleriň biri-de her ýylda geçirilýän Medeniýet hepdeligidir. Medeniýet hepdeliginiň çäklerinde her ýylyň 27-nji iýunynda Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni ýokary derejede bellenilýär.

Balkan, Daşoguz, Mary, Lebap, Ahal welaýatlarynda, gözel paýtagtymyz Aşgabatda geçirilip gelinýän Medeniýet hepdeliginiň myhmanlaryny kabul etmek nobaty bu ýyl Lebap welaýatyndadyr. Medeniýet we sungat işgärleriniň hünär baýramçylygyna gabatlanyp geçirilýän Medeniýet hepdeligi bu ýyl hem ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynyň aýdyň wakalarynyň birine öwrüler.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň döredijilik işgärleri Türkmenistanyň şanly Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy mynasybetli geçiriljek baýramçylyk dabaralaryna giňden taýýarlyk görýärler. Obadyr şäherlerimizde şanly Garaşsyzlygymyzy, bagtyýar zamanamyzy, ak mermere beslenen paýtagtymyzy wasp edýän aýdym-sazlar, folklor, tans çykyşlary ýaýbaňlandyrylýar. Mahlasy, şanly senelere bagyşlanan dabaralar giň gerime eýe bolýar.

Medeniýet ulgamynyň ösdürilmeginde kino



sungatynyň hem orny uludyr. Bu ugurda giň gerimli özgerişler amal aşyrylýar. Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygyna, şeýle hem Aşgabat şäheriniň esaslandyrylmagynyň 140 ýyllyk senesine bagyşlap, «Aşgabat bahary» atly gysga göwrümli filmleriň festiwalyny gurady. Bu şüweleňe köp sanly ýaşlaryň gatnaşmagy türkmen kino sungatyny ösdürjek ýaş zehinleriň kemala gelýändigine buýsanjyňy artdyrýar.

Türkmen medeniýetiniň, milli gymmatlyklarynyň giňden wagyz edilmegine teatr sungaty hem uly goşant goşýar. Ýurdumyzyň baş baýramyna bagyşlanyp, ýurdumyzyň teatrlarynyň arasynda geçirilen «Türkmen teatr sungaty» atly bäsleşik hem munuň aýdyň subutnamasydyr. Hormatly Prezidentimiziň kitaplarynda täsirli beýan edýän milli ýörelgelerimiziň rowaýatlaryň, ertekileriň, tymsallaryň sahna arkaly tomaşaçylara ýetirilmegi medeniýetimiziň döwrebap ösüşlere beslenýändigini görkezýär.

Umuman, ýurdumyzyň ýeten derejesini, şol sanda ykdysadyýetiň pudaklarynyň ösüşini, durmuşa geçirilýän we ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyny esasy ugur edinýän durmuş syýasatynyň amala aşyrylyşyny wasp etmekde, şeýle hem türkmen halkynyň baý ruhy we medeni mirasyny öwrenmekde, wagyz etmekde medeniýet ulgamyna uly orun degişlidir.

**Aba ÇARYÝEW,**
*S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# GARPYZ – saglyk üçin peýdaly

**Garpyz diňe bir suwsuzlygy gandyrman, eýsem, saglyga peýdasy bilen hem tapawutlanýar.**

**Ýürek, damar we göz üçin peýdaly häsiýetlere eýe bolan garpyz böwrekleri goramaga hem kömek edýär.**

Ak bazarlarymyz ýylyň ähli paslynda güneşli Diýarymyzyň sahawatly topragynda bitýän gök ekinlerden doly bolýar. Tomus pasly, esasan hem, gawundyr garpyzyň bol bolýan döwrüdir. Ine, häzirki wagtda-da bazarlarymyzda garpyzlar halkymyza eýleterli edildi.

Iň oňat serginlediji gök önüm bolmak bilen garpyz tomus möwsüminiň iň halanýan önümidir. Garpyz diňe bir suwsuzlygy gandyrman, eýsem, saglyga peýdasy bilen hem tapawutlanýar. Käbir adamlar bu lezzetli önümde diňe suw we şeker bar diýip pikir etseler-de, garpyz ýokumly maddalara baý we köp witaminleri hem özünde jemleýär. Ajaýyp tagamy bilen garpyz köp derdiň dermanydyr. Şeýle hem bu önüm horlanmak isleýänler üçin hem peýdalydyr.

Garpyz ajaýyp tomus önümi bolup, düzüminiň 92 göterimi suw bolandygy üçin islän wagtyň iýmek bolar. Garpyz adamyň dürli kesellere garşy göreşijilik ukyby üçin zerur bolan C witaminine baý bolup, bedenimizi goraýar we dürli kesellere garşy göreşmäge kömek edýär. Şeýle hem gapyzyň düzümindäki C witamini we suw düzümi ýaralaryň çalt bitmegine oňyn täsir edýär.

Mundan başga-da, garpyz süňkleriň sagdynlygy üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Garpyz bedende kalsiniň saklanmagyna kömek edýän, süňkleriň we bogunlaryň sagdyn bolmagyny üpjün edýän kaliýe baýdyr.

Bulardan başga-da, ýürek, damar, göz üçin hem peýdaly aýratynlyklara eýe bolan garpyz böwrekleri goramaga hem kömek edýär.

Dürli witaminlere we minerallara baý bolan garpyzyň 100 gramy bedenimizi 120 mg kaliý, 11 mg magniý, 7 mg kalsiý, 5,5 mg fosfor, 0,3 mg demir we 0,1 mg sink bilen baýlaşdyrýar.

Umuman, dürli miwedir gök önümlere baý bolan sahawatly türkmen topragy adam saglygyna baý önümleri özünde jemleýär. Garpyz – kädiler maşgalasyna degişli birýyllyk ösümlik bolup, onuň baldagy 2-3 metre çenli uzap, miwesi togalak, daşy ýylmanak, eti bolsa gülgüne ýa-da gyzyl bolýar. Garpyz has irki döwürlerden bäri halk tebipçiliginde saglygy berkitmek, kesel bejermek maksady bilen ulanylyp gelnipdir. Onuň watany Afrika hasaplanylýar. Lukmançylyk ylmy tarapyndan hem garpyzyň saglyga täsiri öwrenilendir. Onuň düzüminde bedende ýeňil özleşýän uglewodlar, C, PP we B ýokumlary, magniý, kaliý, demir ýaly adama zerur bolan maddalar bar. Ýürek, gan damar kesellilere, böwrek agyrysyndan ejir çekýänlere garpyzy köpräk iýmek maslahat berilýär.

**Jeýhun GELDIÝEW,**
*S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*





# HARMANYŇA BEREKET, GALLAÇY!

***Milli mukaddesligimiz bolan ak bugdaýy başynyň täjine deňeýän halkymyz geçen hepde hormatly Prezidentimiziň ak pata bermeginde il sylagly ýaşulularyň «Bismillasy» bilen ýurdumyzyň Ahal, Mary, Lebap welaýatlarynda galla oragyna girişdi. Balkan we Daşoguz welaýatynyň gallaçylary hem 11-nji iýunda galla oragyna guramaçylykly girişerler.***



Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda oba hojalygyny ösdürmek boýunça toplumlaýyn çäreler amala aşyrylýar. Döwletimiz oba hojalyk ekinlerinden bol hasyl almak üçin ähli zerur şertleri döredýär. Daýhanlar ýokary hilli tohumlar, mineral dökünler, himiki serişdeler, döwrebap oba hojalyk tehnikalary we suwaryş suwy bilen doly üpjün edilýär.

Edermen gallaçylaryň yhlasly zähmeti netijesinde şu ýyl ýurdumyzyň welaýatlarynda bugdaýyň bol hasyly ösdürilip ýetişdirildi. Hormatly Prezidentimiziň – Galla hasylyny ýitgisiz ýygnap almak, halkymyzy azyk önümleri bilen doly üpjün etmek üçin azyk bolçulygyny pugtalandyrmak möhümdir – diýen öwüt-ündewlerinden ruhlanan edermen gallaçylar yhlasly zähmet çekip, täze üstünlikleri gazanýarlar.

Şu ýyl ýurdumyzyň gallaçylary 690 müň gektar meýdandan 1 million 400 müň tonna däne ýygnamagy meýilleşdirýärler. Galla meýdanlarynda bugdaýyň «Sähraýy», «Juwan», «Bereketli», «Ýolöten-1», «Ýolöten-3», «Türkmenbaşy-1», «Goşant», «Miras», «Rowaç», «Hasylly» hem-de «Watan» ýaly ýokary hasylly görnüşleri ekildi.

Döwletimiz tarapyndan suw, naýbaşy tohum, dökün, tehnika bilen üpjünçiligiň ýokary bolmagy edermen gallaçylaryň yhlasyna yhlas goşýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylýan oba özgertmeleri daýhanlaryň ruhlaryny göterýär. Milli Liderimiziň oba hojalyk ekinlerinden bol hasyl ýygnamak baradaky tabşyryklaryny üstünlikli ýerine ýetirmek üçin ähli şertler we mümkinçilikler döredildi.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramynyň uly tutum bilen toýlanylýan ýylynda gallaçylar ýylboýy çekilen zähmetiň rehnedini görýärler. Olaryň ösdürip ýetişdiren galla hasyly gysga wagtyň içinde mähriban Watanymyzyň galla harmanyny doldurdy.

Häzirki döwürde ýurdumyz azyklyk galla bilen içerki islegleri doly kanagatlandyryp, dünýäde azyk bolçulygyny döretmäge mynasyp goşant goşýan, bugdaýy eksport edýän döwletleriň hatarynda ynamly orun aldy. Ýokary hilli çörek we çörek önümleri, un halkymyza elýeterli bahalardan hödürlenilýär. Bugdaýyň we pagtanyň döwlet satyn alyş nyrhlarynyň ýokarlandyrylmagy oba zähmetkeşleriniň işe höwesini has-da artdyrýar.

Oba hojalyk ekinleriniň iň gadymylarynyň we esasylarynyň biri bolan ak bugdaý bereketli topragymyzda has irki döwürlerden bäri ösdürilip ýetişdirilýär. Ýetişdirilen bereketli hasylyň ýekeje dänesini-de isrip etmän ýygnap almak üçin däne orýan kombaýnlaryň giňden peýdalanylmagy oba zähmetkeşleriniň buýsanjyny beýgeldýär. Milli Liderimiziň tagallasy bilen her ýyl oba hojalyk tehnikalarynyň täze görnüşleri satyn alynýar. Dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijilerinden satyn alynýan tehnikalar oba zähmetkeşleriniň esasy ýardamçysy bolýar. Olar täze hem-de döwrebap tehnikalardan peýdalanyp, oba hojalygy üçin gymmatly bolan önümleriň bol hasylyny ýetişdirýärler.

Halkymyzyň rysgaly we azyk garaşsyzlygymyzyň kepili bolan bugdaýyň bol hasylyny öndürmek babatda uly aladalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli tutumlary hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Batyr AŞYROW,**
*S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

**Şu gün Angliýanyň günortasyndaky Kornuoll graflygynyň Karbis-beý aýlagynda G7 topary ýurtlarynyň sammiti öz işine başlaýar. Dünýäniň ösen ýurtlarynyň ýygnagy 13-nji iýunda tamamlanar.**

## ÝOLBAŞÇYSY BELLI BOLDY

● Maldiwler Respublikasynyň daşary işler ministri Abdulla Şahid Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň ýolbaşçylygyna saýlandy. Şahid Baş Assambleýadaky ses berlişikde köp ýyllap Owganystanda zähmet çeken tejribeli diplomat, doktor Zalmaý Rassul bilen bäsleşdi. Ses berlişigiň netijesinde Şahid 143, Rassul 48 ses aldy.

BMG-niň Baş Assambleýasyna her ýyl dünýäniň bir sebitinden saýlanan diplomat ýolbaşçylyk edýär. 76-njy sessiýany dolandyrmak gezegi (2021-2022-nji ýyllar) Aziýa-Ýuwaş ummany toparyndan bir ministre degişlidi. Şeýlelikde, Maldiwleriň daşary işler ministri bu wezipä saýlandy. Abdulla Şahid şu ýylyň 14-nji sentýabrynda



BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji sessiýasynyň başlygy Wolkan Bozkyrdan bu wezipäni kabul edip alar. Maldiwler Respublikasy Şahidiň dalaşgärligini 2018-nji ýylyň dekabrynda mälim edipdi.

## ZENAN DALAŞGÄRLER ÜSTÜNLIK GAZANDY

● 6-njy iýunda Meksikada ştat ýolbaşçylaryny kesgitlemek boýunça geçirilen saýlawda zenan dalaşgärler has köp ýeňiji boldy. 15 ştatyň altysynda zenan dalaşgärler saýlandy. Ýurduň taryhynda ilkinji gezek şeýle köp zenan ýolbaşçy bu wezipelere bellendi. Geçirilen saýlawda Wekiller palatasynyň agzalary, ştatlaryň gubernatorlary we has kiçi administratiw bölekleriň ýolbaşçylary saýlandy. Ýurduň Milli saýlaw institutynyň (INE) beren maglumatyna görä, has köp ses alan alty zenanyň bäşisi häkimiýetdäki Milli Täzeleniş Hereketiniň (Morena) dalaşgärleridir.



Mundan ozal ýurduň taryhynda jemi 8 zenan bu wezipä saýlanypdyr. Häzirki wagtda ýurduň paýtagty Mehiko şäherine Klaudia Şeýnbaum ýolbaşçylyk edýär. Şeýlelikde ýurduň 7 ştatynyň zenan ýolbaşçysy bolar. 126 million töweregi ilaty bolan ýurtda soňky geçirilen ilat ýazuwynda zenanlaryň sany erkekleriňkiden 3 milliondan gowrak köp bolupdy.

## Fransuz diliniň ÄHMIÝETI ARTAR

● Geljek ýyl Fransiýanyň Ýewropa Bileleşiginiň döwürleýin başlyklygyny kabul etmegi bilen maslahatlaryň köpüsi fransuz dilinde geçiriler. Geçen ýyl Beýik Britaniýa Ýewropa Bileleşiginden aýrylypdy. Muňa garamazdan bileleşige agza ýurtlaryň arasynda iňlis dili häzirki wagtda hem iň köp ulanylýan dil hasaplanýar.



Fransiýa fransuz dilini öwrenmek isleýän diplomatlar üçin hem tölegsiz dersleri ýola goýar. 27 agzasy bolan Ýewropa Bileleşiginde diňe iki ýurduň – Irlandiýanyň we Maltanyň dili iňlisçe. Agza ýurtlaryň resmi dilleriniň (jemi 24 dil) ählisi bileleşigiň resmi dili hasaplanýan hem bolsa, bilelikdäki maslahatlarda we resminamalarda, esasan, iňlis, nemes we fransuz dilleri ulanylýar.

## DÜNÝÄ HABARLARY

### gysga setirlerde

► **INISI BILEN KOSMOSA UÇAR.** «Amazonyň» esaslandyryjysy Jeff Bezos 20-nji iýulda inisi bilen bilelikde kosmosa uçar. Bu uçuşa golaýda auksion arkaly satuwa çykarylan bir orunlyk petegiň ýeňijisi hem gatnaşar. Bezos bu barada özüniň «Instagram» akkaundyndan: «Bäş ýaşymdan bäri kosmosa uçmagy arzuw edýärdim. 20-nji iýulda inim bilen bu syýahata girişerin. Iň gowy dostum bilen ajaýyp gezelenje gidýärin» - diýip ýazdy. Belli işewür «Blue Origin» kompaniýasyna eýeçilik edýär. Golaýda bu kompaniýanyň işläp taýýarlan «New Shepard» atly kosmos gämisiniň ilkinji adamly uçuşy ýola goýlar. «New Shepard» gämisi alty ýolagçyny Ýerden 100 kilometr belentlige çykarar.




► **KRIPTOWALÝUTADAN IŇ KÖP GIRDEJI GAZANAN ÝURTLAR.** Merkezi edarasy Nýu-Ýorkda ýerleşýän «Chainanalysis» edarasy geçen ýyl «Bitcoin» kriptowalýutasyndan peýda gazanan ýurtlaryň sanawyny ýaýratdy. 4,1 milliard dollar gazanan ABŞ sanawyň başyny çekýär. Hytaý 1,1 milliard, Ýaponiýa 900 million dollar peýda gazanypdyr. Sanawda Angliýanyň 800 million dollar, Russiýanyň, Germaniýanyň we Fransiýanyň 600 million dollar gazanandygy mälim edildi.



► **ÄPET DINOZAWRYŇ GALYNDYSY TAPYLDY.** Awstraliýanyň günorta-günbataryndaky Kwinslend ştatynda äpet dinozawryň galyndylary tapyldy. Bu jandaryň boýunyň 30 metre, agramynyň 67 tonna barabar bolandygy bellenilýär. Gadymy jandaryň galyndylarynyň ilkinji bölegi 2007-nji ýylda tapylypdy. 92-96 million ýyl ozal ýaşap geçendigi çaklanylýan jandaryň titonazawrlar maşgalasyna degişlidigi mälim edildi. Dinozawryň aýaklarynyň 5-6,5 metre barabar bolandygy habar berildi. Arheologlar şol ýerden 15 dinozawryň galyndysyny tapdylar.



► **RUS IMPERATORYNYŇ SURATY SATYLDY.** Angliýanyň paýtagty Londonda «Christie's» auksion öýi tarapyndan hödürlenen Rus patyşasy Pawel I-niň suraty 826 müň funt sterlinge satyldy. Kartinany belli suratkeş Dmitriý Lewiskiý (1735-1822 ý) çekipdir. Auksion öýi 2010-njy ýylda Sankt-Peterburgdaky Döwlet Rus muzeýinde suratkeşiň belli eserleriniň sergide görkezilendigini mälim etdi. Köp wagtdan bäri nirededigi belli bolmadyk kartinanyň Ýewropadaky kolleksiýalaryň birinden tapylandygy mälim edildi. Şeýle hem auksionda başga rus eserleri hem satyldy.





## HYZMATDAŞLYGY TEKLIP EDÝÄR

**ABŞ-da elektroulaglaryň önümçiligi üçin gerek bolan gymmatly magdanlary üpjün etmekde hyzmatdaşlygyň artdyrylmagy maksat edinilýär. Munuň üçin taýýarlanan meýilnamada elektroulag batareýalarynyň öndürilmegi üçin gerekli materiallary üpjün etmekde hyzmatdaşlygyň zerurdygy, daşky gurşaw we beýleki meseleler göz öňünde tutulyp, ulanyşdan galan elektroulag batareýalarynyň gaýtadan peýdalanylmalydygy mälim edildi. Ýurtda bu pudagy ösdürmek üçin halkara maýa goýumyň artdyrylmagy göz öňünde tutulýar. Munuň üçin gerek bolan maýa serişdesini ABŞ-nyň «Development Finance Corporation» atly ösüş banky üpjün eder. Şeýle hem meýilnamada elektroulag batareýalarynyň gaýtadan ulanylmagy üçin ediljek işler hem bellenipdir. Ilkinji nobatda, batareýalar üçin gerek bolan magdanlaryň we beýleki tehnologiýalaryň ýurduň içinde nirede öndürilip bilinjekdigini anyklamak üçin iş topary döretdiler. Ýurtda elektroulaglaryň gysga wagtda ýaýbaňlandyrylmagy göz öňünde tutulýan hem bolsa çig malyň mis, litiý we beýleki üpjünçiligi baradaky meseleler bu maksada ýetmekdäki esasy päsgelçilikler hasaplanýar. ABŞ çig malyň üpjünçiliginde daşary ýurtlara garaşlylygy azaltmagy maksat edinýär.**

## UMMANLARYŇ EKOULGAMY AÝAWLY SAKLANAR

Her ýylyň 8-nji iýuny Bütindünýä ummanlar güni hökmünde bellenilip geçilýär. Şol gün ummanlaryň ähmiýetine bagyşlanan dürli maslahatlar we çäreler geçirilýär. Hünärmenler Ýeriň atmosferasyndaky kislorodyň 80 göterimini deňizdir ummanlaryň bölüp çykarýandygyny, azyk önümleriniň agramly böleginiň deňizlerden alynýandygyny belleýärler. Emma häzirki wagtda ummanlaryň suwunyň ýylamagy onuň ekoulgamyna oňaýsyz täsir edýär. Bu ýagdaýyň öňüni almak üçin 2030-njy ýyla çenli ummanlaryň 30 göteriminiň gorag astyna alynmagy maksat edinilýär. Ummanlar gününiň bu ýylky şygary «Ummanlar: ýaşaýyş we güzeran» diýlip bellenilipdir. Birleşen Milletler Guramasynyň Daşky Gurşaw Maksatnamasynyň, ABŞ-nyň Tebigy baýlyklary goramak Geňeşiniň (NRDC) hem-de bu ugurda iş alyp barýan alymlaryň taýýarlan maglumatlaryna görä, merjen rifleriniň ýok bolmagy howanyň düzümindäki kislorodyň mukdaryny azaldar. Bu ýagdaý balyklaryň we beýleki deňiz jandarlarynyň sanyny we görnüşini hem azaldar. Ýer ýüzündäki tokaýlaryň howanyň arassalanmagynda we kislorodyň bölünip çykarylmagynda ähmiýeti uly bolsa-da, kislorodyň esasy çeşmesi deňizler hasaplanýar. Ýer ýüzüniň üçden iki bölegini emele getirýän ummanlardaky we deňizlerdäki suwotular atmosferany kislorod bilen üpjün edýär. Suwotularyň bölüp çykarýan kislorody deňiz jandarlary üçin iýmit we ýaşamagy üçin ýer bolup durýar. Deňizlerdäki merjen rifleri bolsa Ýer ýüzündäki kömürturşy gazyny özüne siňdirýär. Dürli halkara guramalar we hökümetler daşky gurşawyň, şol sanda deňizdir ummanlaryň tebigatynyň aýawly saklanmagy üçin dürli maksatnamalary durmuşa geçirýärler.



## Syýahatçylyk möwsümine badalga berildi

● Ispaniýa ýurda gelýän syýahatçylaryň sanyny artdyrmak üçin täze düzgüni ýola goýdy. Mundan beýläk «Covid-19» sanjymyny alan ýa-da lukmançylyk gözegçiliginden geçendigini tassyklaýan resminamasy bolan daşary ýurtlular bu ýurda baryp bilýärler. Ýewropanyň güneşli ýurdy şu möwsümde 8,5-10 million daşary ýurtly myhmanyň gelmegine garaşýar. Ýurduň günortasyndaky deňiz kenarlarynda syýahatçylaryň sany eýýäm köpeldi. Ýurda girmek üçin sanjymyň alnanyna 14 günden köp wagt geçen bolmaly. Ýakynda ýurduň kenarýakalaryna uly ýolagçy gämileri gelip başlar.



## Milli pul birligine öwrüldi

● Salwadorda «Bitcoin» kriptowalýutasynyň ýurduň resmi pul birligi hökmünde kabul edilmegi üçin kanun taslamasy taýýarlanypdy. Ýurduň Prezidenti Naýib Bukele «Bitcoin 2021» maslahatyna iberen wideo ýüzlenmesinde bu kanunyň güýje girmegi bilen daşary ýurtlarda ýaşaýan salwadorlylaryň ýurda pul ibermekleriniň amatly boljakdygyny aýdypdy. Kanun taslamasy ýurduň milli parlamentinde kabul edildi. Ses berlişikde 62 deputat oňyn ses berdi, 19 deputat goldamady, 3 deputat saklandy. Şeýlelikde, Salwador kriptowalýutany milli pul birligi hökmünde kabul eden ilkinji ýurt boldy. Mundan beýläk ýurtdaky söwda nokatlarynda tölegleriň ähli görnüşleri üçin ýörär. Prezident Bukele munuň täze işewürlik ugurlarynyň döremegine ýol açjakdygyny, häzirki wagtda kriptowalýutanyň bu görnüşiniň bazar nyrhynyň 680 milliard dollardygyny belledi.



# OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

**Suwa düşülende deri täzelenip, işjeňligi ýokarlanýar, bedendäki myşsalar gowşaýar, bedeniň gan aýlanyşy kadalaşýar, dartgynlylyk azalýar, bedende toplanan zyýanly maddalaryň bölünip çykyşy artýar.**



## Suwa düşmegiň SAGLYGA TÄSIRI

Suwa düşmek saglygyň girewi bolan arassaçylyk üçin örän möhüm hasaplanýar. Tomus paslynyň yssy günlerinde ýygy-ýygydan ýuwunylýar. Bu diňe arassaçylyk üçin gerekli bolman, eýsem, özümizi rahat duýmaga hem ýardam edýär. Adaty hammamyň bedenimiz üçin köp peýdasy bar, muňa garamazdan, gereginden köp suwa düşmegiň hem oňaýsyz täsirleri bar. Howa belli bir derejeden yssy bolanda ýa-da köp hereket edilende derlenýär. Suwa düşmeseňiz bedeniňizden erbet yslaryň çykmagy gutulgysyzdyr. Wagtal-wagtal ýuwunmak emele gelen ýakymsyz ysy aýyrmaga we salkynlamaga ýardam edýär. Ýöne ýygy-ýygydan suwa düşmek bedeniňize zyýan berip biler. Tomusda howanyň ýokarlanmagy bilen adamlar adatdakysyndan has köp ýuwunýarlar. Suwa düşülende deri täzelenip, işjeňligi ýokarlanýar, bedendäki myşsalar gowşaýar, bedeniň gan aýlanyşy kadalaşýar, dartgynlylyk azalýar, bedende toplanan zyýanly maddalaryň bölünip çykyşy artýar.

Hünärmenler hernäçe peýdaly tarapy köp hem bolsa, ýygy-ýygydan suwa düşmegiň deriňize zeper ýetirip biljekdigine ünsi çekýärler. Şeýle hem yssy günlerde daşardan gyzyp gelip suwa düşmek maslahat berilmeýär. Biraz wagt süňňüňizi sowadandan soňra hammama girmek maslahat berilýär. Şeýle edilende döräp biljek käbir ýaramaz keselleriň öňüni alarsyňyz! Yzygiderli suwa düşmek deriniň çyglylygynyň peselmegine sebäp bolýar. Guran deri mikroblary aňsatlyk bilen özüne çekýär. Köp suwa düşülende hammamdan soňra çyglandyryjy kremler ulanmak maslahat berilýär. Örän gyzgyn suwda yzygiderli ýuwunmak, bedeniň gyjyndyrylmagyna sebäp bolup biler. Şampun we sabyn ýaly arassaçylyk serişdelerini satyn alanyňyzda, deriňiziň görnüşine görä saýlamalydygyny unutmaň! Hammamda uzak wagtlap durmaň!

## DÜNÝÄNIŇ IŇ OWADAN ADALARY

*Daş-töweregi suw bilen gurşalan gury ýer bölegine ada diýilýär. Deňiz kenarlarynyň we adalaryň köpüsi syýahatçylaryň dynç almak üçin barýan ýerleri hasaplanýar. Täsin tebigatly adada palma agajynyň astynda dynç alyp, mawy deňze syn etmegiň lezzeti başgaça. Olaryň käbiri gözelligi, durnaň gözi ýaly durulygy, merjen rifleri bilen, käsi bolsa täsin jeňňelligi, mahmal depeleri, hatda ilatly ýaşaýyş gurşawy bilen jahankeşdeleri özüne maýyl edýär. Haýran galdyryjy topografiýasy hem-de geografiýasy bolan adalara ýylyň-ýylyna müňlerçe, hatda millionlarça syýahatçy gelýär. Suwasty we suwüsti täsin haýwanat dünýäsi, tämiz howasy bilen görenleri haýrana goýýan dünýäniň iň owadan adalary barada birnäçe maglumaty size ýetirmegi makul bildik:*



● **Bora-Bora:** Ýuwaş ummanyndaky Liward adalarynyň biri bolan bu ada Fransuz Polineziýasyna degişlidir. Bora-Boranyň umumy meýdany 30,55 km²-a deňdir. Adalar toplumynyň esasy adasy bolan Taitiniň 241 km demirgazyk-günbataryndaky adanyň töweregi ada barýer rif bilen gurşalandyr. Şeýle adalara, ýagny halka ýa-da üzülen halka görnüşli merjen adasyna atol diýilýär. Adanyň merkezinde Pahiýa we Otemanu depesi ýerleşýär. Adanyň iň beýik nokady 727 metre deň. Bora-Bora adasy deňiz kenaryndaky we deňziň içine süsňäp girýän emeli desgasy bilen meşhur halkara syýahatçylyk merkezini emele getirýär.

● **Seýşel adalary:** Somali deňziniň gündogar çetinde Hindi ummanyndaky arhipelag adalarydyr. Bu ýerde 115 ada bar. Paýtagty we iň uly şäheri Wiktoriýa Afrika materiginiň gündogaryndan 1500



kilometr uzakda ýerleşýär. Seýşel adalarynda XVI asyrda ýewropalylar aralaşmazyndan ozal ilat ýaşamaýardy. 1976-njy ýylda bu ýerde garaşsyz döwlet esaslandyrylandan soňra, ykdysadyýet diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilip başlanýar we ilaty artýar. Hindi, iňlis, fransuz, afrika elementlerini özünde jemleýän seýşel medeniýetiniň baý aşhanasy köp sanly syýahatçyny özüne çekýär.

● **Santorini:** Gresiýanyň günorta-gündogarynda, Egeý deňziniň günortasynda ýerleşýän adanyň meýdany 73 km² bolup, onuň golaýynda Terasiýa, Nea Kameni, Palaýa Kameni, Aspronisi we Kristiana adalary bar. Bu ada, takmynan, 3600 ýyl ozal wulkanyň atylmagy netijesinde emele gelipdir. Adanyň ady XIII asyrda Latyn imperiýasy tarapyndan berilýär. Bu at Keramatly Irene (Santa Irini) adynyň gysgaltmasydyr.

● **Bali:** Bu ada bilen adybir welaýat bolup, oňa beýleki birnäçe adalar hem girýär. Welaýatyň çägine Ýawa, Lombog Nusa-Penida, Nusa-Lembongan we Nusa-Seningan ýaly goňşy adalary hem girýär. Denpasar şäheri welaýat paýtagty hasaplanyp, ýurduň iň köp ilatly şäherleriniň biridir. Baliniň medeni merkezi dag eteginde ýerleşýän Ubud şäheri hasaplanýar. Welaýat 1980-nji ýyllardan bäri Indoneziýanyň esasy syýahatçylyk merkezidir. Bali diňe owadan deňiz kenarlary, gür tokaýlary we täsin haýwanat dünýäsi bilen däl, eýsem, adaty we häzirki zaman tansy, heýkeltaraşlyk, suratkeşlik, deri, metal işläp bejermek we aýdym-saz ýaly ýokary derejede ösen sungatlary bilen hem meşhurdyr. Indoneziýanyň halkara film festiwaly hem her ýyl Bali şäherinde geçirilýär.



● **Fiji:** Günorta Ýuwaş ummanyndaky adalar topary Awstraliýanyň 3000 km gündogarynda



we Täze Zelandiýanyň 2000 km demirgazygynda ýerleşýär. Arhipelag 330-dan gowrak adadan ybarat bolup, bu ýere ilatyň göçüp gelenine ýüz ýyl töweregi wagt geçipdir. Esasy Witi Lewu we Wanua Lewu adalary meşhur bolup, iň belent nokady Tomaniwi (1324 m) dagydyr. Tropiki deňiz howasy bolan arhipelagda howa möwsüme görä üýtgeýär. Fiji 18 274 km² meýdany tutýar. Fijiniň 870 müň töweregi ilaty bolup, olaryň dörtden üç bölegi ýurduň paýtagty Suwanyň ýerleşýän Witi Lewu adasynda ýaşaýar. Häzirki wagtda Fiji Ýuwaş ummanyň ykdysady taýdan iň ösen adalarynyň biridir.



## Doňdurma – göwünleriň küýsegi

Doňdurmanyň düzüminde kalsiý, kaliý, demir we sink ýaly birnäçe minerallar bar. Bu datly iýmiti halamaýan az bolsa gerek. Ähli önümlerde bolşy ýaly, doňdurma alnanda hem ünsli bolmaly. Gaplanan taýýar doňdurmalaryň daşyndaky ýazgylar ünsli okalmaly, ulanyş möhletine we saklanyş şertlerine seretmeli. Şeýle iýmit önümlerine goşundylar köp goşulýar. Şol sebäpli doňdurmanyň elin taýýarlanýan görnüşleriniň has peýdalydygy bellenilýär. Şeýle hem doňdurmany öý şertlerinde taýýarlap bolýar. Hünärmenler öýde taýýarlanan doňdurmanyň saglyk üçin has peýdalydygyny aýdýarlar. Doňdurmany öýde süýt, gatyk we öz saýlan miweleriňizi goşmak arkaly taýýarlap bilersiňiz. Geliň, ilki bilen doňdurma iýlende göz öňünde tutulmaly käbir zatlar bilen tanyş bolalyň:

**AGŞAMYNA DÄL, GÜNDIZ IÝIŇ!**

● Gaplanan doňdurmalaryň ýazgylaryny üns bilen okaň! Doňdurmany agşam däl, gündizine iýmek maslahat berilýär. Günüň dowamynda üçden artyk doňdurma iýmek maslahat berilmeýär.

**SÜÝJÜLIGINE WE MIWELERE ÜNS BERIŇ!**

● Doňdurma ähli möwsümde iýip boljak gymmatly iýmit bolup, esasan hem, çagalaryň boýunyň ösmegine peýda edýär, süňklerini güýçlendirýär we iýmit siňdirişini ýeňilleşdirýär. Göwrelilik döwründe hem doňdurma iýmek maslahat berilýär. Eger-de doňdurmany öýde taýýarlamak isleseňiz, düzüminde şeker köp bolmadyk miwelerden peýdalanmak ýerlikli bolar. Esasy düzümi süzülen gatyk bolan doňdurma süýji keselli adamlara has-da peýdalydyr. Taýýarlan doňdurmaňyzyň düzümine gara şokolad goşmak keýpiňiziň göterer, alma bolsa bedeniňizi güýçlendirer we özüňizi has gowy duýmaga peýda eder.

Doňdurma taýýarlamak üçin tomusda ýetişýän miwelerden hem peýdalanyp bilersiňiz. Öýde doňdurma taýýarlamagyň dürli usullary bolup, olaryň birini size hödürleýäris! Munuň üçin ýarym kilogram ýertudana, 1 gap krem (sowuk), 8 nahar çemçesi pudra şeker, 1 bulgur sowuk süýt, 1 nahar çemçesi kakao gerek bolýar.

**TAÝÝARLANYLYŞY:**

● Ýertudanalary arassalaň we doňduryjyda doňduryň! Soňra ony ownuk kesýän enjamdan geçiriň we üstüne sowuk krem, pudra şeker we sowuk süýt goşup bulaň! Mazaly garylan doňdurma garyndyny giň gaba salyp sowadyjyda goýuň! Her sagatda garyndyny çykaryp yzygiderlilik üçin garyşdyryp dursaňyz tagamy we süýdi bir-birine utgaşyp, doňdurma halyna gelip başlar. Şu yzygiderlilik dowam etse bu garyndyny sowadyjyda 12 sagat goýmak ýeterlik bolar. Taýýar bolan doňdurmany islegiňize görä owadanlap, saçaga goýup bilersiňiz. Işdäňiz açyk bolsun!



Sahypany taýýarlan Aýgözel AMANGELDIÝEWA.

Gijesine howanyň ýagdaýyna görä, 3500-4500 arasynda ýyldyzy görüp bolýar.



## Labirint





# Tilki we horaz



## Pars ertekisi

Gadym zamanda bir garry horaz ýaşaýan eken. Ol telim gezek tilkiniň eline düşen hem bolsa, bir emel bilen ondan diri sypmagy başarypdyr. Günlerde bir gün obanyň çetinde däne çokup ýörkä, bir tilkiniň assyrynlyk bilen özüne tarap gelýänini görüpdir. Gaçaýyn diýse, oba daşrak eken. Horaz golaýyndaky agaja çykyp ýetişipdir. Tilki agajyň ýanyna gelip:

— Eý, horaz! Näme üçin meni görüp agaja çykdyň? – diýip sorapdyr.

Horaz şeýle jogap beripdir:

— Näme, saňa garaşyp, gujaklar öýtdüňmi?

— Elbetde! Seniň hiç zatdan habaryň ýok bolmaga çemeli? Patyşa ähli köçelerde we bazarlarda jar çekdirip, özüňden ejizlere azar bermeli däldigini tabşyrdy. Indi, goýun bilen gurt bir çeşmeden suw içmelimiş, laçyn bilen kepderi bir höwürtgede ýaşamalymyş. Sen bolsa aşak düşüp, meniň bilen gezelenç etmeli.

— Gezelenç köpçülik bilen edilende gowy, iki bolup däl. Tüweleý ýaly çalt ylgaýan haýwanlar gelýänçä garaş. Soňra bilelikde aýlanarys. – diýip, horaz jogap beripdir.

Tilki ondan:

— Ol nähili haýwan? – diýip sorapdyr.

— Möjege meňzeşräk, diňe gulagy we guýrugy uzyn diýäýmeseň.

— Seniň o diýýäniň tazy bolaýmasyn!

— Mümkin şeýledir!

Tilki duzaga düşendigini aňyp, gaçyp başlapdyr. Horaz:

— Nirä barýaň? — diýip gygyrypdyr.

— Sebäbi men tazylary halamok.

— Sen patyşanyň hiç kimiň hiç kime azar bermeli däl diýip jar çekdirendigini aýtmanmydyň?

Onda tilki:

— Düzlükde ýaşaýan tazylar patyşanyň buýrugyny eşiden däldirler. Olaryň meni dişläýmegi mümkin – diýip, gaçmak bilen bolupdyr.



*Terjime eden* **Gülnar BAÝRAMOWA,** *Köneürgenç etrabynyň ýaşaýjysy.*

## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

***Gahar – duşman,***
***akyl – dost, akylyňa akyl goş***

● Türkmen nakyllarynyň islendigini alanymyzda-da, onda beýan edilýän many-mazmun maňzyňa batýar. Göräýmäge dört-bäş söz ýaly, ýöne ol sözlerde jemlenen bitewi bir pähim-parasat adamyň endigine, terbiýesine, özüni alyp barşyna içgin täsir edýär. Gazetimiziň bu gezekki sanynda adam häsiýetinde duýgynyň ýerine ýetirýän işi barada gürrüň ederis.

Görşümiz ýaly bu nakylda «gahar» we «akyl» barada söz açylyp, olar biri-birine täsir edýän güýç hökmünde garşylykly manyda getirilýär. Nakylyň birinji böleginde gahar duşmana deňelýär. Eýsem, gahar näme?! Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde: «Gahar – gaty närazylyk, göwne degilmeklik we ş.m. netijesinde döreýän gazaply duýgy» diýlip düşündiriş berilýär. Haçan-da, gahar gelende pikirlenmek we saýgarmak ukyby peselip, adamyň ähli güýji gahary döredipji zada gönükdirilýär. Akyl bedende bolup geçýän ýagdaýy dolandyryp bilmeýär. Onuň soňy ýaramaz netijelere, puşmanlyk ýagdaýyna barýar.

***Gahar gelse, akyl gaçar.***
***Gahar soňy puşman.***
***Gahary ýuwutsaň, gant bolar.***

► Nakylyň ikinji böleginde bedeni dolandyrýan hem-de pikirlenmek işini alyp barýan «akyl» barada gürrüň edilýär. Akyl dosta deňelýär. Dost adamyň ajy-süýjüsini deň bölüşip bilýän, kyn gününde goldaw berýän iň ýakyn ynsanydyr. Diýmek, şu seljermeden ugur alsak, akyl adamy dartgynly ýagdaýdan alyp çykýan, dogry ýol görkezýän, üstünliklere we şowlulyklara eltýän ylahy güýçdür.

«Akylyňa akyl goşmak» durnukly söz düzüminiň pikirlenip hereket etmek, köp okamak, ulular tarapyndan berilýän öwüt-ündewlere gulak goýmak ýaly manysy bolup, bu adamyň kämilleşmegindäki iň derwaýys zatlaryň biridir.

Nakylyň umumy manysyny jemlänimizde, her bir pursatda sabyrlylygy elden bermeli däldigi, islendik zatda akyl bilen iş tutmagy endik edinmelidigi, ylym-bilim alyp, kämil ynsan bolmalydygy beýan edilýär.

## 34-nji KROSSWORD



**Oguljemal HALLYÝEWA,** *Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

● **DIKLIGINE:** **1.** Oglana dakylýan at. **2.** «Çagaly öý – ..., çagasyz öý – mazar» (nakyl). **3.** Medal, nyşan. **4.** Hala salynýan nagşyň bir görnüşi. **7.** Zawod-... **8.** Beýik. **13.** Ekerançylygyň piri. **15.** «Ulynyň ... etmedik uwlar» (nakyl). **16.** Döwürleýin çap edilýän neşirler. **21.** Alžirde bir şäher. **23.** Demir zatlary özüne çekýän we özünden itekleýän jisim. **26.** Gülüň bir görnüşi. **27.** Türkmen iti. **28.** Uçaryň bir görnüşi. **29.** Aziýada bir döwlet. **33.** Harydyň ýüzüne onuň çykan ýerini, kärhanasyny, hilini görkezmek üçin ýelmenýän belgi. **34.** Adam bedeniniň göze görünýän daş ýüzi, teni.

● **KESELIGINE:** **5.** Gyz ady. **6.** Nazary ýol bilen alnan bilimi iş ýüzünde peýdalanmak. **9.** Ak, gara ýüňden egrilip, örülip edilen ýüp. **10.** Meýdan guşy. **11.** Habar ýetirmek üçin ýörite iberilýän atly habarçy. **12.** Goraýjy geýim (köne söz). **14.** «... edeniň däl, nesip edeniň bolar» (nakyl). **17.** Ýewropada bir döwlet. **18.** Kaka (köne söz). **19.** Maşgala, kowum-garyndaş. **20.** «... jul içinde belli, göwher-kül içinde» (nakyl). **22.** «Kireýsiz kilim kakylmaz, ojaksyz ... bakylmaz» (nakyl). **24.** Dermanlyk ösümlik. **25.** Ýurdumyzda bir welaýat. **30.** Suwy az goýbermek üçin ýabyň bilinden salnan böwet. **31.** Tahýanyň öň tarapyndan dakylýan kümüş şaý. **32.** «Daýym ... saçar güli türkmeniň» (Magtymguly Pyragy). **35.** «Adam – ..., amaly – baky» (nakyl). **36.** Ýer ölçeýän ölçeg enjamy. **37.** Fizikanyň bir bölümi. **38.** Maşgalabaşynyň nesliniň resmileşdirilen ady.

8-nji skanwordyň jogaby:



33-nji krosswordyň jogaby:



## 35-nji KROSSWORD



**Sabyrgeldi BEGOW,** TMÝG-niň Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrap Geňeşiniň başlygy.

● **DIKLIGINE:** **1.** «Tagamnyň lezzetin alyr dahanyňdan ... gitmek» (Magtymguly Pyragy). **3.** Kösükli ösümlikleriň biri. **5.** Balyk (köne söz). **7.** Italiýanyň paýtagty. **8.** Suw guşy. **9.** Himiki element. **11.** «El ... bakar, şerigat dile» (nakyl). **13.** «... sözi öý ýykar» (nakyl). **15.** San. **16.** «Geçä jan gaýgy, gassaba – ...» (nakyl). **18.** «Görejiň içine dogry sereder ... gözi» (K.Gurbannepesow). **20.** Dury, arassa, tämiz. **21.** Pasyllaryň biri. **22.** «... ýürek ýüzi güldürer» (nakyl). **24.** Baglaýjy kömekçi. **25.** Hyýal, oý-pikir. **27.** «Ata – ..., eşege – taýak» (nakyl). **29.** «Çaman ... ir uçar» (nakyl). **30.** Içýan ýyldyzlar toparyndan bolan ýyldyz. **32.**«Daşdan görseň, bir gara, ýanyna barsaň, müň gara» (matal). **33.** Salgyt. **36.** Hüşgär, eserdeň. **37.** Giçlik, agşam (köne söz). **44.** Isleg, talap, ygtyýar. **45.** Çaý, suw gaýnatmak üçin aşagyna ot ýakylyp ulanylýan gap. **48.** Aziýanyň merjen şäheri. **49.** «... özün günde bir hem doýurmaz, ýegdir aç hem bolsa, şire ýüz ursaň» (Magtymguly Pyragy). **50.** Keseki, ýat (köne söz). **51.** Gymmatbaha metal. **53.** Isleg, niýet, göwün. **54.** Gyza dakylýan at. **55.** Miweli agaçlaryň çybygy kesilýän orak. **58.** Haýyr - ... . **59.** Daşoguz welaýatynyň çäginde ýerleşýän düzlük. **64.** Gizlin gürrüň, syr (köne söz). **65.** Saz guraly. **66.** Awstraliýada bir köl. **67.** Sözlemiň baş agzasy. **69.** Ýylan ( köne söz). **70.** «Gyrawda towşan yzlan ... suwundan balyk gözlär» (nakyl). **72.** Öte, çendenaşa (köne söz). **74.** Ýewraziýada bir millet. **76.** «Dar örüden ... çygyr» (nakyl). **77.** Gaplaň, ýolbars. **78.** «Garamyk özün ... saýar» (Magtymguly Pyragy). **80.** At çalyşmasy. **82.** «... üstünde tozan arama» (nakyl). **83.** «Guş görki – per, dost görki – meňiz (köne söz). **39.** Pursat, döwür, belli bir aralykdaky wagt. **40.** «Edep başa ... berer» (nakyl). **41.** «... süýt gaýmak tutmaz» (nakyl). **42.** Gereginden köp, ölçegden ýokary. **43.** Gyza dakylýan at. **45.** «Giň bolsaň, ... bolmaz, saglykdan özge dem bolmaz» (nakyl). **46.** Oglana dakylýan at. **47.** Ömürbaky, müdimi. **50.** Serhet. **52.** Ýelek, ganat. **56.** Metal gurallary ýiteltmek üçin ulanylýan gural. **57.** «Suw akar, ... galar» (nakyl). **59.** Mehaniki kuwwatyň ölçeg birligi. **60.** «... borç eýlär, nöker – harç» (nakyl). **61.** Bagananyň buýrasy. **62.**

● **KESELIGINE:** **1.** «Der dökseň, ... döküler» (nakyl). **2.** Datly. **4.** Reňk. **6.** «... hasasyn bir aldyr» (nakyl). **10.** Alty aýdan uly bolmadyk düýe. **12.** «Duzsuz bişen aş gördüm, tostogalak daş gördüm» (matal). **14.** «... bilen söhbede ýaman diýmäňler» (Mahmyt Gaýyby). **17.** Uly jar, çaý (köne söz). **19.** ...-gürrüň. **21.** Ok-.... **23.** «Agasyny görüp, ... öser, bibisini görüp – siňli» (nakyl). **26.** Bagt ( köne söz). **28.** «Syr saklamak – diliň aşagynda ... saklamak» (nakyl). **31.** Gussa, hasrat. **34.** «Il ýörän ýer ... bolar» (nakyl). **35.** Öwrenilen endik. **38.** Ýüz, «Bir ýazykdan är ölmez, ... ýazyksyz är bolmaz» (nakyl). **63.** Deriniň, içmegiň ýylmanak ýüzi. **65.** Iň uzyn derýa. **66.** «... mährin salsa, gije Gün dogar» (G.Seýitliýew). **68.** Sorag çalyşmasy. **70.** Bir sanyň üçünji derejesi. **71.** Balyk, guş tutmak üçin gözenek-gözenek örülen enjam. **73.** Demirgazyk Amerikada bir köl. **75.** «Tentek özün ... saýar» (Magtymguly Pyragy). **77.** Geometrik şekilleriň biri. **79.** Aşhana guraly. **81.** Serişde, gural. **84.** «Hiçden ... ýagşy» (nakyl). **85.** Gyza dakylýan at. **86.** Berk, pugta, sarsmaz. **87.** Eger (köne söz).






Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# SPORT

Çempionatda iň köp Angliýanyň «Premier Ligasynyň» futbolçysy çykyş eder (117 futbolçy). Germaniýanyň «Bundesligasyndan» 89, Italiýanyň çempionaty «Serie A»-dan 71, Ispaniýanyň «La Ligasyndan» 39, Russiýanyň «Premýer Ligasyndan» 32, Angliýanyň 2-nji ligasy «Championship»-den 31, şeýle-de Fransiýanyň çempionaty «Ligue 1»-den 28 futbolçy gatnaşar.

## Çempionata öýünde tomaşa etjek ýyldyzlar

Islendik türgen, futbolçy halkara ýaryşlara gatnaşyp, öz ýurdunyň abraýyny belende galdyrmagy, öz ýurdunyň baýdagyny asmana götermegi hemişe arzuw edýär. Ýöne bu maksat köplere ýetdirse-de, köpler üçin diňe arzuwlygyna galýar. Bu ýagdaý şu gün başlanjak futbol boýunça 16-njy Ýewropa çempionaty üçin hem degişlidir. Ilki bilen gatnaşýan toparlaryň sanynyň çäkli bolmagy sebäpli, saýlama tapgyrlarynda üstünlikli çykyş etmegiň gerekdigini belläliň. Jemi 55 agzasy bolan UEFA-nyň 24 ýygyndysynyň şu ýaryşda bolmagy, düzüminde ýyldyz oýunçysy bolan tas ähli topary hem çempionata gatnaşýandygyny görkezýär. 1-2 ýygyndydan başga yklymyň ähli öňdebaryjy toparlary EURO 2020-ä ýollanma aldy diýsek ýalňyş bolmaz.





Gatnaşmaga hukuk gazanan ýagdaýyňda-da türgenleriň ýa-da futbolçylaryň öňünde ýene-de iki sany päsgelçilik bar. Olaryň birinjisi şikes, beýlekisi-de tälimçiniň karary. Ine, şu üç ýagdaý ýyldyzlaryň halkara ýaryşlara gatnaşmak boýunça ykbalyny kesgitleýär.

Ýewropa çempionatyna ýygyndysynyň gatnaşyp bilmändigi sebäpli öýünde tomaşa etjekleriň hatarynda ilki bilen norwegiýaly ýyldyz hüjümçi Erling Holanny agzamak bolar. Onuň topardaşlaryndan Martin Odegar, Muhamed Elýunussi, Aleksander Sörlot, şol sanda sloweniýaly Ýan Oblak, ysraýylly Eran Zahawi, bosniýaly Edin Jeko bilen Miralem Pýaniç, gresiýaly Kostan Manolas, islandiýaly Gulfi Sigurdsson, garadagly Stefan Sawiç bilen Stewan Ýowetiç dagy çempionata öýlerinden tomaşa ederler. Düzüminde birnäçe ýyldyz oýunçy bolan Serbiýadan hem Aleksandar Kolarow, Duşan Tadiç, Filip Kostiç, Sergeý Milinkowiç-Sawiç, Adem Lýaýiç, Nemanýa Matiç, Aleksandar Mitrowiç, täze ýyldyz Duşan Wlahowiç, Luka Ýowiç dagyny agzamak bolar.

Şikesi sebäpli çempionaty goýberjekleriň arasynda ilki bilen 5 ýyldan soň ýygynda dolanan şwesiýaly weteran ýyldyz Zlatan Ibrahimowiçi bellemek gerek. Niderlandlaryň esasy goragçysy Wirgil Wan Deýk, Ýasper Silessen, Donni wan de Bek, dünýä boýunça milli ýygyndyda iň köp çykyş eden 2-nji futbolçy ispaniýaly Serhio Ramos, Ansu Fati, Dani Karwahal golaýda şikes alan angliýaly ýaş ýyldyzlar Trent Aleksander-Arnold, Meýson Grinwud, germaniýaly Marko Roýs, operasiýa bolan Mark-Andre ter Ştegen, portugaliýaly Andre Gomeş, polşaly Kşiştof Pýontek, Arkadiuş Milik, türkiýeli Jenk Tosun, ukrainaly Ýewgeniý Konoplýanka, Wiktor Kowalenko, Artýom Krawes şikesi sebäpli çempionata gatnaşyp bilmezler.

Bulardan başga-da tälimçiler tarapyndan çagyrylmadyk ýyldyzlaryň sany-da az däl. Möwsümdäki çykyşlaryny göz öňünde tutup, ozal ýygyndyda telim gezek duşuşyk geçiren birnäçe oýunçy çempionata öýlerinden tomaşa etmeli bolarlar. Russiýadan Aleksandr Ýerohin, Anton Miranççuk, Fýodor Smolow, Ýuriý Gazinskiý, Gilerme, Roman Noýştadter, Angliýadan Jesse Lingard, Erik Daýer, Harri Winks, Ispaniýadan Marko Asensio, Isko, Saul Nigues, Italiýadan Alessio Romanýoli, Moýza Ken, Matteo Politano dagyny tälimçileri çagyrmady. Germaniýadan Jonatan Tah, Niko Şuls, Ýulian Brandt, Ýulian Draksler ýaly futbolçylar Löwüň yglan eden düzüminiň daşynda galdylar.

Fransiýanyň ýygyndysynda çagyrylmadyklardan ýene bir ýygyndy düzmek bolar. Didie Deşam 6 ýyldan soň Karim Benzemany täzeden ýygynda alyp, taraply-tarapsyz hemmäni begendirdi. Tejribeli tälimçi 26 oýunçydan ybarat düzüme Nabil Fekir, Hussam Auar, Antoni Marsial (üçüsiniň-de az-owlak şikesi bar), Stiwen Nzonzi, Tanguý Ndombele, Ferlan Mendi, Daýo Apamekano, Aleksander Lakazett, Teo Hernandes, Samuel Umtiti, Wesli Fofana, Benžamin Mendi, Eduard Kamawinga ýaly klublarynyň esasy düzüminde yzygiderli çykyş edýän futbolçylary dürli sebäplere görä çagyrmady.







## Iň az legionerli we iň köp legionerli ýygyndylar

Çempionata gatnaşýan ýygyndylaryň arasynda iň az legioneri (daşary ýurtlarda çykyş edýän futbolçysy) bolan topar futbolyň watanynyň ýygyndysy Angliýanyň milli toparydyr. Sautgeýt düzüme iňlis klublarynda oýnamaýan 3 futbolçy («Borussiýa D – 2, «Atletiko» –1) çagyrdy. Italýanlaryň 4 legioneri bolup, Mançini PSŽ we «Çelsi» toparlarynyň hersinden 2 futbolçyny düzüme goşdy. Russiýanyň ýygyndysynda 4 legioner bolup, 22 futbolçy Russiýanyň klublarynda oýnaýar. 17 oýunçysyny «Şahtýor Donesk» ýa-da «Dinamo Kiýewden» çagyran Andreý Şewçenko milli topara 8 legioneri-de goşdy. Agramly bölegi «bawariýaly» futbolçylardan düzülen Germaniýanyň ýygyndysynda-da 9 futbolçy legioner bolup, olaryň 6-sy iňlis klublaryna wekilçilik edýär. Niderlandlaryň 13 oýunçysy öz ýurdunyň daşyndaky klublaryň köýnekçesini geýýär. Mundan öňki çempionatlara aglaba legionersiz ýa-da 2-3 sany legioner bilen gatnaşýan Ispaniýanyň düzümindäki 24 futbolçynyň 14-si daşary ýurtlarda oýnaýar. «Real Madridden» ýeke oýunçyny hem ýygynda almadyk Luis Enrikeniň şägirtleriniň 10-sy Angliýada, olaryňam 4-si «Mançester Sitide» oýnaýar.

Iň köp legioneri bolan ýygyndylara seredenimizde, Finlýandiýa bilen Slowakiýanyň ýygyndylary 25 futbolçy bilen öňdeligi eýeleýärler. Iki toparyň düzüminde-de «gönezlik» hökmünde öz çempionatlaryndan diňe bir futbolçy bar. Awstriýa bilen Belgiýanyň 24, Şwesiýa bilen Demirgazyk Makedoniýanyň 23 futbolçysy başga ýurtlaryň klublarynyň köýnekçesini geýýär. Bu görkeziji Daniýada 22-ä, Polşadyr Şweýsariýada 21-e deňdir. Çempionlygyň dalaşgärlerinden Fransiýanyň, soňky çempion Portugaliýanyň, şeýle-de Uelsiň 6 futbolçysyndan galanyny legionerler düzýär.



### Çempionatyň resmi senasy

Çempionatyň resmi senasy – «We Are the People» atly aýdym umydy, ygrarlylygy, položitelligi ündeýär. Ol DJ Martin Garriksiň prodýuserlik etmeginde taýýarlanyp, sazy we sözi U2 toparynyň aýdymçysy Bono degişlidir. Ýene-de şol toparyň meşhur gitaraçysy The Edge hem gitarasy bilen EURO 2020-niň senasyna uly goşant goşdy.

### Toparlaryň pul baýraklary

Çempionatda çykyş etjek 24 ýygyndynyň hersine gatnaşýany üçin 9,25 million ýewro berler. Toparçadaky her ýeňiş üçin 1,5 million, deňme-deňlik üçinem 750 müň ýewro pul baýragy bar. 1/8 finala çykanlara goşmaça 2 million ýewro, çärýek finalçylaryň hemmesine 3,25 million ýewro, ýarym finalçylara 5 million ýewro berler. Finalda ýeňiş gazanan topar 10 million ýewro pul baýragy bilen sylaglansa, finalçy 7 million ýewro bilen oňňut etmeli bolar. Mahlasy, bir toparyň çempionatdan iň köp 34 million ýewro almak mümkinçiligi bar.

### Çempionatyň kubogy

Ilkinji gezek 1960-njy ýylda Fransiýada geçirilen Ýewropa çempionatynyň kubogy ýaryşy esaslandyran, UEFA-nyň ilkinji sekretary Anri Deloneniň adyny göterýär. Ozalky kubok häzirki görnüşinden kiçidi. 2008-nji ýylda kubok täzeden dizaýn edilip, ol öňki görnüşinden ulaldyldy. Arassa kümüşden ýasalan kubogyň agramy 8 kilograma deňdir. Bu ozalkysyndan 2 kilogram agyr diýmekdir. Boýy-da öňki görnüşinden 18 santimetr uzaldylyp, 60 santimetre ýetirildi. Çempion bolan ýygyndylaryň atlaryny ýazmagy has ýeňilleşdirmek üçin kubogyň ini azda-kände giňeldildi.

### Çempionatyň topy

Çempionatyň topy adatça bolşy ýaly, dünýä belli nemes şereketi «Adidas» kompaniýasynyň topy bolup, ol «Uniforia» diýlip atlandyrylýar. «Uniforia» ady «unity» (birlik, bitewülik) hem-de «euphoria» (şatlyk, keýpiköklük, göçgünli wagtyhoşluk) diýen sözlerden emele gelýär. Ähli barlaglardan geçirilen topuň 70 göterimi poliuretan, 20 göterimi poliester, 10 göterimi-de wiskozadan (emeli ýüpek) ybaratdyr.

### «Adidasmy» ýa-da «Nike», belki-de «Puma»

Çempionata gatnaşýan ýygyndylaryň köýnekçeleriniň hemaýatkärlerine seredenimizde, hemişe bolşy ýaly, bu ugruň 2 ägirdi – ABŞ-nyň «Nike» hem-de Germaniýanyň «Adidas» kompaniýalarynyň öňdebaryjylardygyna ýene bir ýola göz ýetirýäris. Bu iki öndürijiniň arasynda çempionlyk gazanmakda «Adidas» ep-esli öňde bolup (8 çempionlyk), «Nike» kompaniýasynyň 1 çempionlygy bar ony-da 2016-njy ýylda Portugaliýa bilen gazanypdy.

«Nike» kompaniýasynyň köýnekçelerini geýýän ýygyndylaryň sany 9-a, «Adidas» üçin bu görkeziji 8-e deňdir. Çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden Fransiýanyň, şol sanda Angliýanyň, soňky çempion Portugaliýanyň, Türkiýäniň, Polşanyň, Horwatiýanyň, Niderlandlaryň, Polşanyň, Finlýandiýanyň hem-de Slowakiýanyň ýygyndylaryny köýnekçe bilen «Nike» üpjün edýär.

Germaniýanyň, Belgiýanyň, Şwesiýanyň, Uelsiň, Russiýanyň, Şotlandiýanyň, Ispaniýanyň hem-de Wengriýanyň ýygyndylarynyň köýnekçe hemaýatkäri hökmünde nemes kompaniýasy «Adidas» çykyş edýär. Köýnekçe hemaýatkärliginde Germaniýanyň «Puma» kompaniýasy 3-nji ýerde bolup, 4 ýygyndy – Italiýanyň, Şweýsariýanyň, Çehiýadyr Awstriýanyň ýygyndylary bu kompaniýanyň önümlerini geýýär. Ukrainanyň ýygyndysy ispan kompaniýasy «Jomanyň», Daniýanyň ýygyndysy ýerli «Hummel» kompaniýasynyň, şeýle-de çempionatyň debýutantlaryndan Demirgazyk Makedoniýanyň ýygyndysy nemesleriň «Jako» kompaniýasynyň köýnekçelerini geýerler.



## Haýsy topar çempion bolar?!

**ŞAHSY GARAÝYŞ**

**Hawa, ine-de, futbol janköýerleri üçin garaşylýan pursat gelip ýetdi. Mejbury ýagdaýda bir ýyl soňa süýşürilen futbol boýunça 16-njy Ýewropa çempionatyna şu ýarygije badalga berler. Rimdäki «Olimpico» stadionynda geçiriljek Türkiýe–Italiýa duşuşygy bilen bat aljak çempionat laýyk bir aýdan soň Londonyň «Wembley» stadionyndaky final bilenem tamamlanar. Bir aýlap dowam etjek futbol baýramçylygynda haýsy toparyň çempion boljakdygy millionlarça janköýeri içgin gyzyklandyrýar. Dogrudanam, haýsy topar çempion bolar?!**

**Kagyz ýüzünde Fransiýanyň ýygyndysy beýleki garşydaşlaryna garanyňda ep-esli öňde. Ýöne futbolyň kagyz ýüzünde däl-de meýdançada oýnalýandygyny ýene bir ýola ýatladyp, meniň pikirimçe-de Fransiýanyň ýygyndysy güýçli topar bolup, ýene-de ençeme ýyldyzy yzda goýup gaýdan Didie Deşam 2016-njy ýylda öz ýurdunda aldyran kubogyny almak üçin elinde baryny gaýgyrmazmyka diýýärin. Üstesine-de 2-nji gezek (1998, 2000) Dünýä Kubogynyň çempionlygyndan soň, Ýewropanyň çempionlygyny almak has ýakymly bolsa gerek. Ýöne toparçada soňky çempion Portugaliýadan, şol sanda güýçli ýygyndy Germaniýadan öňe saýlanmaly bolar. Fransiýada Mbappe, Koman, Benzema, Grizmann dagy toparyň esasy ýyldyzlarydyr.**

**Çempionlygyň 2-nji güýçli dalaşgäri hökmünde köpler Belgiýany öňe sürýän hem bolsa, Angliýanyň ýygyndysyny-da gözden salmaly dälmikä diýýärin. Futbolyň watany hökmünde görülýän Angliýa öz yklymyndaky iň arzyly kubogy entek alyp görenok. 1966-njy ýylda gazanylan Dünýä Kubogynyň üstündenem köp wagt geçdi. Ýyldyz oýunçylary jemlemegi başaran tälimçi Garet Sautgeýt toparynyň hüjüm güýjüne uly ynam bildirýär. Ýarym final we finalyň «Wembley»-de oýnalmagy iňlisleri has-da hyjuwlandyrýar. Şol nukdaýnazardan olaryň 1996-njy ýylda öz ýurdunda elden gideren çempionlygyny bu gezek almagy hem mümkin.**

**Mundan 2 ýyl ozalky Dünýä Kubogynyň daşynda galan italýanlary 3-nji dalaşgär hasaplaýaryn. Roberto Mançininiň şägirtleri saýlama tapgyryndaky ähli oýunda ýeňiş gazanyp, ýeňillik bilen final tapgyryna çykdy. 30-a golaý oýundan bäri-de ýeňilmän gelýän gorag futbolynyň ägirdi hasaplanýan italýanlar üçin Ýewropada kubok gazanmagyň wagty gelip ýetdi, hatda geçibem barýar. 1968-nji ýylda çempion bolan italýanlar ondan soň 2 gezek finalda (2000, 2012) utuldy. Bu gezek Bajjo, Totti, Del Piero ýaly ýyldyzlary ýok hem bolsa, toparlaýyn we gorag futboly bilen Italiýany çempionlygyň gizlin dalaşgäri hökmünde hasaplamak bolar.**

**Çempion haýsy topar bolar? — diýlen sowala berjek 4-nji jogabym Belgiýanyň ýygyndysydyr. Şeýle güýçli düzüm bilen kubogy häzir alman, onda haçan aljak diýdirýän Belgiýanyň ýygyndysynda dünýä ýyldyzlary köp. Her ýygyndynyň belli bir döwründe bolşy ýaly, Belgiýanyň milli topary-da häzirki wagtda «altyn nesil» döwrüni başdan geçirýär we bu ýagdaýyň wagty ýyl geçdigiçe azalýar. Bazar sowulmanka kubogy alan ýagşy. Soňky Dünýä Kubogynda gazanylan bürünç medal ýokdan gowy bolsa-da, köpleri kanagatlandyranok. «Interde» möwsümi şowly tamamlan Lukaku, «Realda» möwsümi pes geçiren Edin Hazar toparyň iň esasy bil baglaýan ýyldyzlarydyr.**



**Soňky çempion Portugaliýa bu gezek has güýçli futbolçylar bilen gatnaşýar. Super ýyldyz Ronaldonyň bardygyna garamazdan, meniň pikirimçe, Portugaliýa çempionlygyny gaýtalamak başartmazmyka diýýärin. Ronaldonyň çempionatyň taryhyndaky iň netijeli oýunçy rekordyny almagyna we hatda Ali Daeiniň milli ýygyndylardaky iň köp gol geçiren oýunçy rekordyna-da golaýlamagyna garaşsam-da çempionlyk az-owlak daşrak ýaly görünýär.**

**15 ýyldan bäri tälim berip gelýän Ýoahim Löw (Germaniýanyň ýygyndysy) üçin hem milli ýygyndyny taşlamazdan öň, has ýakymly duýgular, ýagny çempionlyk bilen hoşlaşmak gowy bolsa gerek. Ýöne bu başardarmyka? Täzeçe düzüm guran Ispaniýanyň ýygyndysyny-da çempionlygyň uzagrakdaky dalaşgäri hökmünde sanawa goşup bileris.**

**Elbetde, ýokarda bellänlerimizden başga bir toparyň çempion bolmagy-da mümkin. Edil 1992-nji ýylda Daniýanyň, 2004-nji ýylda Gresiýanyň çempion bolşy ýaly. Munuň üçinem biz janköýerlere futbolyň keýpini çykaryp, hözirini görüp tomaşa etmek we birje aý sabyrsyzlyk bilen garaşaýmak galýar...**

**Gazetiň sport synçysy.**

## Toparlaryň mundan ozalky özara duşuşyklary

| «A» TOPARÇA | O | Ý | D | U | GOL |
|---|---|---|---|---|---|
| Türkiýe—Italiýa | 10 | 0 | 3 | 7 | 5-18 |
| Uels—Şweýsariýa | 5 | 2 | 0 | 5 | 5-16 |
| Türkiýe—Uels | 6 | 2 | 1 | 3 | 7-10 |
| Italiýa—Şweýsariýa | 58 | 28 | 22 | 7 | 107-67 |
| Şweýsariýa—Türkiýe | 15 | 8 | 3 | 4 | 21-20 |
| Italiýa—Uels | 9 | 7 | 0 | 2 | 23-5 |

| «B» TOPARÇA | O | Ý | D | U | GOL |
|---|---|---|---|---|---|
| Daniýa—Finlýandiýa | 59 | 38 | 10 | 11 | 151-60 |
| Belgiýa—Russiýa | 12 | 6 | 2 | 4 | 21-17 |
| Finlýandiýa—Russiýa | 17 | 0 | 5 | 12 | 11-54 |
| Daniýa—Belgiýa | 15 | 6 | 3 | 6 | 25-27 |
| Russiýa—Daniýa | 12 | 10 | 1 | 1 | 36-10 |
| Finlýandiýa—Belgiýa | 11 | 4 | 4 | 3 | 19-20 |

| «C» TOPARÇA | O | Ý | D | U | GOL |
|---|---|---|---|---|---|
| Awstriýa-D. Makedoniýa | 2 | 2 | 0 | 0 | 6-2 |
| Niderlandlar-Ukraina | 2 | 1 | 1 | 0 | 4-1 |
| Ukraina-D. Makedoniýa | 4 | 2 | 1 | 1 | 3-1 |
| Niderlandlar-Awstriýa | 18 | 8 | 4 | 6 | 33-23 |
| D. Makedoniýa-Niderlandlar | 4 | 0 | 2 | 2 | 8-3 |
| Ukraina-Awstriýa | 2 | 1 | 0 | 1 | 4-4 |

| «D» TOPARÇA | O | Ý | D | U | GOL |
|---|---|---|---|---|---|
| Angliýa—Horwatiýa | 10 | 5 | 2 | 3 | 21-13 |
| Şotlandiýa—Çehiýa | 19 | 9 | 2 | 8 | 29-28 |
| Horwatiýa—Çehiýa | 3 | 1 | 2 | 0 | 7-5 |
| Angliýa—Şotlandiýa | 114 | 48 | 25 | 41 | 203-174 |
| Horwatiýa—Şotlandiýa | 5 | 0 | 3 | 2 | 2-5 |
| Çehiýa—Angliýa | 16 | 9 | 4 | 3 | 23-35 |

| «E» TOPARÇA | O | Ý | D | U | GOL |
|---|---|---|---|---|---|
| Polşa—Slowakiýa | 8 | 3 | 1 | 4 | 13-12 |
| Ispaniýa—Şwesiýa | 14 | 6 | 5 | 3 | 23-15 |
| Şwesiýa—Slowakiýa | 5 | 3 | 2 | 0 | 11-2 |
| Ispaniýa—Polşa | 10 | 8 | 1 | 1 | 27-8 |
| Slowakiýa—Ispaniýa | 6 | 1 | 1 | 4 | 6-15 |
| Şwesiýa—Polşa | 26 | 14 | 4 | 8 | 56-37 |

| «F» TOPARÇA | O | Ý | D | U | GOL |
|---|---|---|---|---|---|
| Wengriýa—Portugaliýa | 13 | 0 | 4 | 9 | 10-30 |
| Fransiýa—Germaniýa | 31 | 14 | 7 | 10 | 49-46 |
| Wengriýa—Fransiýa | 23 | 12 | 3 | 8 | 49-34 |
| Portugaliýa—Germaniýa | 18 | 3 | 5 | 10 | 19-29 |
| Portugaliýa—Fransiýa | 27 | 6 | 2 | 19 | 29-51 |
| Germaniýa—Wengriýa | 33 | 13 | 10 | 10 | 68-63 |

**Bellik:** Russiýanyň, Çehiýanyň, Germaniýanyň duşuşyklaryna degişlilikde, ozalky SSSR-iň, Çehoslowakiýanyň, Günbatar Germaniýanyň duşuşyklary-da goşulýar.

## Bir sözlemde...

Hokkeý boýunça Latwiýada geçirilen 85-nji Dünýä çempionatynda Kanadanyň ýygyndysy finalda Finlýandiýanyň ýygyndysyndan owertaýmyň netijesinde 3:2 üstün çykyp, 27-nji çempionlygyny gazandy we bu ugurda Russiýanyň ýygyndysynyň rekordyna şärik boldy, şol sanda çempionatda ABŞ-nyň ýygyndysy Germaniýany 6:1 ýeňip bürünç medaly eýeledi.

F1-iň möwsümdäki 6-njy ýaryşy Azerbaýjanyň paýtagty Bakuda geçirilip, 51 aýlawy 2 sagat 13 minut 36,410 sekuntda tamamlap, Sebastian Wettel we Pier Gasliden öňe saýlanan «Red Bull» toparynyň meksikaly sürüjisi Serhio Perez ýeňiş gazandy, ýaryşda Werstappen bäsleşigi tamamlap bilmedi, Hamilton 15-nji ýeri eýeledi.

Moto GP boýunça möwsümiň 7-nji ýaryşy Ispaniýanyň Kataluniýa sebitiniň Montmelo şäherinde geçirilip, 24 aýlawy 40 minut 21,749 sekuntda tamamlan «Red Bull KTM» toparynyň portugaliýaly sürüjisi Migel Oliweira ýeňiş gazandy (möwsümdäki 1-nji, karýerasyndaky 3-nji ýeňşi).

Italiýanyň Sardiniýa adasynda geçirilen Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki 5-nji ýaryşynda «Toyota Gazoo Racing» toparynyň fransiýaly sürüjisi Sebastian Ožie ýeňiji bolup (3 sagat, 19 minut 26,4 sekunt), möwsümdäki 3-nji, karýerasyndaky 52-nji ýeňşini gazandy.

# Ýewropa çempionatynda çykyş etjek 24 ýygyndynyň düzümi



## «A» toparça

### TÜRKIÝÄNIŇ ÝYGYNDYSY

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1 | D | Mert Günok | 01.03.1989 | Istanbul BŞ |
| 12 | D | Altaý Baýyndyr | 14.04.1998 | Fenerbahçe |
| 23 | D | Ugurjan Çakyr | 05.04.1996 | Trabzonspor |
| 2 | G | Zeki Çelik | 17.02.1997 | Lill (FRA) |
| 3 | G | Merih Demiral | 05.03.1998 | Ýuwentus (ITA) |
| 4 | G | Çaglar Söýünjü | 23.05.1996 | Lester Siti (ANG) |
| 13 | G | Umut Meraş | 20.12.1995 | Le Hawr (FRA) |
| 15 | G | Ozan Kabak | 25.03.2000 | Liwerpul (ANG) |
| 18 | G | Rydwan Ýylmaz | 21.05.2001 | Beşiktaş |
| 22 | G | Kaan Aýhan | 10.11.1994 | Sassuolo (ITA) |
| 25 | G | Mert Müldür | 03.04.1999 | Sassuolo (ITA) |
| 5 | Ý | Okaý Ýokuşlu | 09.03.1994 | W. Bromwiç (ANG) |
| 6 | Ý | Ozan Tufan | 23.03.1995 | Fenerbahçe |
| 7 | Ý | Jengiz Ünder | 14.07.1997 | Lester (ANG) |
| 8 | Ý | Dorukhan Toköz | 21.05.1996 | Beşiktaş |
| 10 | Ý | Hakan Çalhanoglu | 08.02.1994 | Milan (ITA) |
